## Tema:1. Türkmenistanyň ykdysadyýetiniň ösüş taryhy

**Türkmenistanyň ykdysadyýetiniň ösüşinde dört sany döwri tapawutlandyrmak bolar:**

**1**. Türkmenistanyň Russiýa birikdirilmeginden öňki döwri.
**2**. Türkmenistanyň Russiýa birikdirilen döwri.
**3**. Türkmenistanyň SSSR-iň düzümindäki döwri.
**4**. Türkmenistanyň Garaşsyzlyk alandan soňky döwri.

Russiýa birikdirilmeginden öňki döwürde türkmen hojalygynyň esasy çarwaçylykdan, suwarymly ekerançylykdan hem-de öý senetçiliginden ybarat bolupdyr. Maldarçylykda goýun we düýe köpeldilipdir. Oňat tohumly, guýrukman, irimçik ýüňli goýunlary köpeltmeklige üns berlipdir. Şol döwürde garaköli goýunlar az bolupdyr. Şol wagtlar hem ahal-teke we ýomut atlary bütin dünýä belli bolupdyr. Ol atlar Ýewropanyň atçylyk zawodlaryna hem äkidilipdir.

Şol döwürde türkmenleriň durmuşynda ekarançylyk görnükli rol oýnapdyr. Ekarançylykda esasan jöwen, bugdaý, dary, arpa, ýorunja, gawun, kädi, gowaça, künji ýaly ekinler ekilipdir. Suwaryş üçin Köpetdagyň eteklerinde kärizler gazylypdyr.

Senetçiligiň esasy görnüşleri tarada mata dokamak, gön eýlelemek, demirçilik (ýarag ýasamak, zergärçilik işleri), telpek we aýakgap tikmek, kem - käs gaýyk ýasamak we şuňa meňzeşler bolupdyr .

Türkmenlerde natural we ýarym natural hojalyk, emma türkmen jemgyýetinde haryt önümçiligi we söwda hem ösüp başlapdyr. Goňşy ýurtlardan Türkmenistana dürli harytlar getirilipdir. Türkmenleriň arasynda söwda bilen meşgullanýan uly täjirler hem bolupdyr.

Türkmenistanyň Russiýa birikdirilen döwrüniň esasy hojalyk binýady Zakaspi demir ýoludyr. Ýoluň ugrunda täze birnäçe şäherler we stansiýalar döreyär. Demir ýol boýunça işleyän iň uly kärhana - 1882 - nji ýylda düýbi tutulan Serdar (Gyzylarbat) parawoz - wagon bejerýän ussahanasydy. Bu ýerde 1905 - nji ýylda eýýäm 1 müňden gowrak işçi işläp, olaryň arasynda türkmenler hem bolupdyr. Deňizýaka sebitlerinde we uly Balkanda nebit, duz we başga tebigy baýlyklary gazyp alýan we işläp bejerýän magdan senagatynyň kärhanalary haýal hem bolsa ösmekligini dowam etdiripdir. Krasnowodsk we Maňgyşlak uýezdlerinde we Tejende hek daşlary, granit we beýleki gurluşyk daşlary gazylyp alnypdyr. Ýurduň tebigy baýlyklaryny gazyp almak we işläp bejermek hem - de olara erk etmek hukugy bütinleý diýen ýaly Nobel, Gajinskiý, Lionozow, Iwankow ýaly senagat eýeleriniň elinde bolupdyr.

Magdan kärhanalarynyň iň irisi we ähmiýetlisi Çelekendäki nebit önümçiligi 1913-nji ýylda bu ýerde 130 müň tonna nebit öndürilipdir.

Ownuk, pes öndürjilikli, köplenç senetçilik görnüşindäki kärhanalaryň agdyklyk etmegi, az sanly iri kärhanalaryň bolsa ülkäniň tebigy baýlyklaryny gazyp ýa-da işläp bejeriji häsiýete eýe bolmagy, patyşa hökümetiniň Türkmenistanyň çäginde alyp barýan ykdysady syýasatynyň hakyky kolonial mazmunyny äşgär suratlandyrylýar. Russiýanyň dokma senagatynyň ýokary galmagy we onuň çig mala bolan islegllerininiň artmagy, ikinji tarapdan bolsa türkmen daýhanlarynyň pula bolan mätäçliginiň barha ösýän şertlerinde pagtanyň

iň ähmiýetli we girdejili ekin bolup çykmagy pagtaçylygyň çalt ösmegini kepillendiren ýagdaýlar bolupdyr. Türkmenistanda pagtaçylygyň ösen esasy ýeri Mary uýezdi bolupdyr.

Türkmenistanyň SSSR-iň düzüminde bolan döwründe önümçiligiň ähli pudaklary, hojalyk işleriniň ähli görnüşleri çendenaşa merkezleşdirilen sowet ulgamy boýunça alnyp barylýardy. Hojalygy dolandyrmagyň şeýle ulgamy Türkmenistanyň öňki SSSR-iň merkezi sebitleri üçin çig mal bazasy hökmünde ösdürilmegine getirildi. Çägimizde ýerleşen we işleýän kärhanalaryň ählisi ýurdumyzyň özygtyýarynda däldi. Özygtyýaryndaky senagat kärhanalary çäginde ýerleşen we işleýän kärhanalaryň umumy öňüminiň 5 %-den hem az bölegini öndürýärdi. Hojalygyň düýpli meseleleriniň hemmesi diýen ýaly merkezde çözülýärdi.

Merkezden dolandyrylan ulgamyň netijeleri ozalky Soýuzyň, aýratyn-da Türkmenistanyň ykdysady taýdan yza galmagyna getirdi. Ilatyň jan başyna düşýän milli girdejileri boýunça Türkmenistan umumysoýus görkezijilerinden 2-2,5 esse yza galýardy. Halkyň sarp edýän harytlarynyň we azyk önümleriniň 70 %-te golaýyny Türkmenistan başga ýerlerden alýardy. Olaryň ýerine biziň ýurdumyzyň dünýä nyrhyndan 5-7 esse arzan we özüne zyýan görnüşde ýangyç - energetik serişdeleri, pagta, oba hojalyk we himiýa senagatynyň önümlerini gaýtadan işlemek üçin uzak ykdysady merkezlere iberýärdi. Goşmaça hem respublikamyzyň ykdysadyýeti juda birtaraplaýyn alnyp barylýardy. Öz çäginde baý mineral-çig mal serişdeleri bolsa-da, Türkmenistan öz halk hojalygyny birsyhly birsydyrgyn ösdürip bilmedi.

1991-nji ýylyň 27-nji oktýabryndan Türkmenistanyň döwlet, syýasy we ykdysady Garaşsyzlyk döwri başlandy.

SSSR-iň dargamagy, ozalky hojalyk aragatnaşyklarynyň,söwda-ykdysady aragatnaşyklarynyň bozulmagy köp kynçylyklar döretdi, netijede Türkmen döwleti ykdysadyýetiň täze syýasatyna geçmeli boldy.

Türkmenistanyň ykdysady syýasatynyň özeni ýurduň ykdysady baýlyklaryny halkyň özüne gaýtaryp bermekden döwletiň milli pulyny döretmekden ybarat boldy. Halk öz milli baýlygynyň doly hukukly eýesidir.

SSSR-iň dargamagyndan miras galan ähli kynçylyklara garamazdan, ýurdumyzda bazar ykdysady gatnaşyklarynyň esasy tutulyp başlandy. Aksionerler jemgyýeti, telekeçiler hereketi döräp ugrady, özbaşdak, kärende kärhanalar, hususy daýhan hojalyklary kemala gelip başlady.

“Türkmenistanda durmuş-ykdysady özgertmeleriň 2010-njy ýyla çenli baş ugry” hakyndaky milli Maksatnama Türkmenistanyň ykdysady garaşsyzllygyny we ilkinji nobatda azyk önümleriniň garaşsyzlygyny üpjün etmekden; ykdysadyýetimizi tutuşlygyna üýtgedip gurmagy amala aşyrmakdan; önümçilik toplumyny hem-de ilat üçin harytlary öndürmegi çalt ösdürmekden; şu esasda milli pulumyz manady durnuklaşdyrmagy hem-de pugtalandyrmagy üpjün etmekden; bazar gatnaşyklaryny, telekeçiligi mundan beýläk-de ösdürmekden; daşary ykdysady işi kämilleşdirmekden; daşary ýurt inwestisiýalaryny höweslendirmekden ybaratdyr.

## Tema:2 Türkmenistanyň ykdysady-geografiki ýerleşişi , tebigaty-resurs gurbatyserişdeleriň we zähmet resurslary

1) **Türkmenistanyň ykdysady-geografiki ýerleşişi**
2) **Türkmenistanyň ykdysady demografiki ýagdaýy we zähmet resurslary**

Türkmenistanyň çägi geografik taýdan gadymy medeni ojaklaryň aralygynda ýerleşýär. Bu ýagdaý ilatyň oturymlylygy we hojalyk aragatnaşyklarynyň giňelmegi üçin amatly şert döredipdir. Şoňa görä-de Hytaýdan we Hindistandan Ortaýer deňziniň ýakasyndaky ýurtlara, Russiýadan Buhara, Eýrana we gündogaryň beýleki ýurtlaryna barýan söwda ýollary Türkmenistanyň üstünden geçipdir.

Türkmenistanyň Kawkaz we Merkezi Aziýa ýurtlarynyň aralygynda ýerleşmegi, Russiýa federasiýasynyň günorta sebitlerine Hazar deňzi arkaly ýanamagy onuň hojalygynda möhüm rol oýnaýar. Bu ýagdaý ýurdumyzyň tranzit ähmiýetini artdyrýar.

Türkmenistan döwletiniň Ýewropa bilen Aziýanyň çatrygynda ýerleşmegi, onuň geosyýasy ýagdaýynda örän uly amatlylyklar döredýär. Halkara Ykdysady hyzmatdaşlyk Guramasynyň (EKO-nyň) agzasy bolmak bilen, Türkmenistanyň geosyýasy ähmiýeti barha rowaçlanýar. Türkmenistan EKO-nyň geografik giňişliginiň merkezinde ýerleşýär.

Geografik ýerleşişinden başga-da, Türkmenistanyň ýer üstüniň gurluşynda jöwzaly Garagum çölüniň agdyklyk etmegi, tebigy serişdeleri hojalyk taýdan özleşdirmekligi kynlaşdyrýar. Döwlet çäginiň çylşyrymly ýer üstüniň gurluşy şertlerinde ulag we suwaryş ulgamlaryny gurmak, şäherleri we obalary abadanlaşdyrmak (agyz suwy bilen üpjün etmek, gazlaşdyrmak, elektrikleşdirmek we ş. m.) ägurt köp düýpli maýa goýumlaryny talap edýär.

Hojalyk pudaklarynyň ýerleşişine we ösüşine, olaryň ýöriteleşişine, ilatyň ýaşaýyş durmuşynyň klimatyň täsiri ulydyr. Umuman, Türkmenistanyň klimaty gurak kontinental bolmagyna garamazdan, belli bir derejede ykdysady we durmuş ösüş üçin amatlydyr. Döwletimiziň käbir sebitleriniň mikroklimaty kesel bejeriş häsiýetlidir. Meselem, Baýramalydaky böwrek şypahanasynyň esasy kesel bejeriş serişdesi şu ýeriň howasydyr.

Türkmenistanyň, aýratynda günorta etraplarynyň klimat şertleri ýylylyk söýüji oba hojalyk ekinlerini ösdürip ýetişdirmek üçin has amatlydyr. Garagum derýanyň zolagynda ýorynjany 5-6 gezek orup bolýar, miweçilik we üzümçiligiň dürli sortlaryny ekmek we bakjadan ikinji gezek hasyl almak bolýar. Garagum derýasynyň zolagynda ýerleşen gurak subtropiki zolakda (günorta - günbatar Türkmenistan) nar, hurma, zeýtun, injir agaçlary, şeýle hem açyk toprakda bütin ýylyň dowamynda gök ekinleri ösdürip ýetişdirip bolýar. Şol bir wagtyň özünde suw baýlyklarynyň ýetmezçiligini ekin meýdanlaryny çäklendirýär. Türkmenistan tebigy serişdeleriň köp dürlüligi we gorlary boýunçä dünýäniň tebigy serişdelere baý ýurtlaryň hasabynda durýär.

Döwletiň mineral çig mal serişdeleriniň arasynda ýangyç energetiki serişdeleri görnükli orun tutýar. Aýratyn hem tebigy ýangyjy gazlaryň gorlary

boýunça Türkmenistan dünýäde öňdäki orunlaryň birini eýeleýär. Türkmenistanyň günbatarynda Ýagman we Tüwergyrda kömrüň gorlary bar. Köýtendagda polimetal magdanlary bolup, olaryň düzüminde esasan gurşun we sink bardyr.

Türkmenistanda tebigy himiki serişdelerden kükürdiň, sulfat-natriniň, nahar we kaliý duzlaryň, nebitdakylyň, bentonitiň uly gorlary bardyr. Kükürdiň uly gorlary Gowurdak - Köýtendag etrabynda ýerleşýär.

Ýurdymyzda tebigy sulfat natriniň gorlary Garabogaz aýlagynda jemlenendir. Sulfat natriý ergin duz we şerebe görnüşinde gönüden-göni ýeriň üstünde ýaýrandyr.

Mineral gurluşyk materiallary, ýagny tebigy daşlar, çäge, toýun, gips, çagyl, hek daşy, bezeg daşlary Türkmenistanyň çäginde giňden ýaýrandyr.

Umuman, Türkmenistanyň tebigy şertleri we serişdeleri hojalygyň dürli ugurlaryny ösdürmek üçin amatlydyr. Öndürilýän önümleriň arzan bolmagy ykdysadyýetiň çalt ösmegine ýardam edýar.

## Türkmenistanyň ykdysady demografiki ýagdaýy we zähmet resurslary

Bazar ykdysadyýeti şertlerinde ilatyň professional-zähmet mobilligini dolandyrmak bazar güýçleriniň täsiri astynda, ýagny işçi güýçleriniň kwalifikasiýasyny hasaba almak bilen, olara bolan islegiň we teklibiň täsiri netijesinde bolup geçýär. Bazar ykdysadyýeti has ösen döwletlerde hem (geçiş sistemasyndaky ýürtlara has-da zerur) bazaryň durnuksyzlygynyň mümkinçilikleri bilen baglanyşykly, şonuň ýaly da sosial adalatlylygyň kesgitli derejesini üpjün etmek üçin bazaar däl güýçlerine gözegçilik amala aşyrylýar.

Anyk Bazaryň şertlerinde işgärler mazmuny boýunça iş beriji we işleriň görnüşlerini saýlamakda erkin bolýarlar. Bazar ykdysadyýetine geçiş döwründe we eýeçiligiň döwlete dahylsyz formasynyň ösmegi bilen baglanyşykly potensial iş berijileriň sany köpelýär. Netijede bolsa işçi güýçleriniň mobilligi ýokarlanýar.

Bazar ykdysadyýeti has ösen döwletleriň tejribesi çalt ösüşiň hyzmatlar sferasynda bolup geçýändigini we fiziki zähmet bilen meşgullanýan işgärleriň önümçilik sferadan hyzmatlar sferasyna meýilsiz geçýändigini görkezýär. Täze endikleri edinmekligi we işgärleriň gaýtadan taýyarlygyny talap edýän professional mobillik gysga wagtlaýyn geljekki mümkinçilikleriň çäkliligi sebäpli käbir derejede kyn bolar. Ilatyň professional-zähmet mobilligini dolandyrmak syýasatynyň esasy elementi – döwletiň roluny dogry kesgitlemekdir we zähmet bazarynyň zerur institutlaryny döretmekdir.

Bütin dünýäde zähmet işlerinden alynýan girdeji köp öý hojalyklarynyň durmuş derejesini kesgitlemekde aýgytlaýjy roly kesgitleýär. Ykdysady mümkinçiliklerden esasysy iş ýa-da iş bilen meşgullyk bolup, ol adamlara zerur bolan harytlary, hyzmatlary satyn almaklyga, şeýle hem talaplara laýyk durmuş derejesini üpjun etmeklige mumkinçilik berýän girdejini üpjün edýär. Bu ýerde “iş bilen meşgullyk” - ýaşamaklygyň serişdelerini almaklygyň hemme usullarydyr diýip aýtsa bolar.

Ilatyň professional-zähmet mobilligini berkitmek üçin şu aşakdaky çäreleri durmuşa geçirilse oňat bolardy:

- döwlet eýeçiligindäki obýektleriň hususylaşdyrylmagy we hususy ugruň ösdürilmegi;
- inwestisiýa programmasynyň çözülmegi;
- girdejileriň toplanmagynyň mümkinçiliklerini giňeltmek maksady bilen makroykdysady ýagdaýa amatly şertleri döretmekligi: bahalaryň durnuklaşdyrmagy, bazar üýtgetmesiniň üsti bilen ykdysady ösüşi güýçlendirmegi;
- zähmet bazarynyň insititusional esasy berkidilen, zähmet meselesinde sosial kepilleri kesgitleýän, ilatyň iş bilen meşgullygy hakyndaky täze kanuny kabul etmegiň zerurlygy;
- iş bilen meşgullyga hemaýat berýän fonduň döredilmeginiň zerurlygy;
- zähmet bazaryny kadalaşdyrmak boýunça çäreleriň ulgamyny işläp düzmek we durmuşa geçirmek;
- hususy sektorda iş bilen meşgullygy ösdürmek, ýagny oba hojaygyny senagat işleri esasynda alyp barmak;
- hyzmatlardaky hususy sektorda has giňden ösdürmäge şertler döretmek;
- kiçi biznesi ösdürmeklige hemaýat bermek;
- aýallaryň-eneleriň we ýaşlaryň zähmetine kepilleriň zerurlygy.

**Tema:3. Türkmenistanyň senagaty.**

1) **Türkmenistanyň senagatynyň düzümi we ösüş depginleri**
2) **Senagatyň görnüşleri we ösüş depginleri**

Senagat Türkmenistanyň milli hojalygynyň esasy pudagydyr. Halk hojalygynyň ähli pudaklaryndaky tehniki ösüş we ýurduň tebigy, maddy we zähmet serişdeleriniň ulanylyş derejesi onuň ösüşine baglydyr.

Türkmenistanda senagat pudaklarynyň onlarça görnüşleri bardyr: gazyp alma, ýangyç, energetika, maşyn gurluşygy, ýeňil, azyk, gurluşyk materiallary we agaç işleýän, poligrafiýa, himiýa we gaýry pudaklar. Bu pudaklar hem aýry- aýry möhüm pudaklardan durandyr. Senagat pudaklarynyň içinde Türkmenistan üçin iň häsiýetlileri nebit, nebiti gaýtadan işleýän, gaz, energetika, ýeňil we azyk senagatydyr. Bu pudaklaryň ösmegini ýurdumyzyň tebigy şertleri, ykdysady hem-de durmuş mümkinçilikleri kesgitleýär. Türkmenistanda senagatyň aýry-aýry pudaklaryň önümiň öndürilişinde we işleýän adamlaryň sanynda tutýan paýyny aşakdaky tablisada görmek bolar.

Çig mal önümçiligini artdyrmak bilen bir hatarda özümiziň gaýtadan işleýän senagatymyzy çalt ösdürmegiň kesgitlenilmegi Türkmenistanyň ykdysady syýasatynyň esasy ugurlarynyň biridir.

Umumy senagat kärhanalary özleriniň taýýar önümleriniň sarp edilişi (azyk, gurluşyk zatlaryny, senagaty), ýerine ýetirýän işleriniň görnüşi (dokma, maşyn gurluşygy we metal işläp bejermek) we kynlygy - aňsatlygy (maşyn gurluşygy, ýeňil, azyk senagaty) boýunçä toparlara bölünýar. Ondan başga-da olar öndürýän önümleriniň niýetlenişi boýunça A (öndüriji güýçlere hyzmat edýän pudak) hem-de B (taýar önümi sarp edilýän pudak) diýen uly iki topara bölünýär. Ýöne bu bölümleriň arasynda kesgin araçäk ýokdur, çünki olar bir bitewidirler.

Türkmenistanyň senagat pudaklarynyň giňişlikde ýerleşdirilişine ýurduň, şol sanda onuň aýry-aýry sebitleriniň tebigy, maddy we zähmet serişdeleri bilen üpjünçiligi, önümçiligi guramagyň görnüşleriniň ösüş derejesi, ylmy tehniki ösüş, senagatyň, şäherleriň, ulag torlarynyň taryhy ýerleşişi, territoriýanyň beýleki taýdan özleşdiriliş ýägdaýy we beýlekiler täsir edýar.

Şol bir wagtyň özünde her bir pudagyň giňişlikde ýerleşdirilşi belli bir derejede diňe onuň özüne mahsus bolan önümçiligiň tehniki - ykdysady we tehnologiýa aýratynlyklaryna hem baglydyr.

Senagat kärhanalarynyň ýerleşdirilşine gös-göni faktorlaryň çäkli sanawy täsir edýär. Olar: çig mal, ýangyç, energetika, suw, işçi güýji, sarp edijiler we ulag faktorlarydyr. Özara baglanşykly bolmak bilen önümçiligi ýerleşdirmeklige we ösdürmeklige bilelikde täsir edýarler.

**Nebit-gaz senagaty we elektroenergetika**

Türkmenistanyň nebit we gaz senagaty döwletiň milli hojalygynda görnükli orunlaryň birini eýeleýär. Tebigy gaz, nebit önümleri, elektrik energiýa Türkmenistanyň esasy senagat eksportydyr.

“Türkmennebit” Döwlet konserniniň bölümleri täze ýataklary işläp taýýarlamak bilen bir wagtda ozal işlemän duran nebit guýularyny ulanmaga

bermek, guýulary gatlagyň basyşyny saklap, ýokary basyşly ulanmak bilen nebitiň çykarylyşyny gaz liftli usula geçirmek baradaky taslamalary amala aşyrýar. Bu taslamalar esasan Goturdepe we Barsagelmez ýataklaryndaky guýularda amala aşyrylýar. Bu taslamalary durmuşa geçirmäge daşary kompaniýalary we firmalary işeňňir gatnaşýarlar, olaryň arasynda "Westrn Atlas (ABŞ)", "Şlýumberže" (Panama), "Askom Grupp" (Moldawa) we beýlekiler bar.

Nebiti gaýtadan ileýän senagat Türkmenbaşy we Seýdi şäherlerinde ýerleşýär. Türkmenistanda çykarylýan nebitiň hemmesi Türkmenbaşy şäherindäki kärhanada gaýtadan işlenilýar.

## Maşyn gurluşygy we metal işläp bejermek

Maşyn gurluşygy we metal işläp bejerýän senagat.

Türkemenistanda uzak wagtlap maşyn gurluşygy ünsden düşürilip gelindi, onuň ösüşi diňe 60-njy ýyllarda başlady döwletiň maşyn gurluşygynyň pes derejede bolmagynyň üç sany sebäbi bardyr:

1. Maşyn gurluşygy metaly köp talap edýän pudakdyr. Türkmenistan ykdysady geografiki ýerleşişi boýunça dünýaniň esasy metallurgiýa bazarlaryndan uzakda ýerleşendir, şeýle hem döwletde senagat ähmiýetli metal magdanlarynyň ýeri ýokdur. Şeýlelikde, metal ýetmezçiligi maşyn gurluşygynyň ösmegine mümkinçilik bermedi.
2. Maşyn gurluşygy örän çylşyrymly, inçe, takyk senagat pudagy bolup, ol ýokary hünärli inžener - tehniki kadrlary talap edýär. Şeýle kadrlar döwletde taýarlanmaýar diýen ýalydyr, bu bolsa öz gezeginde ylmy-tehniki progressiň gazananlaryna laýyk gelýän maşynlaryň ösdürilmegini guramaklyga uly böwet boldy.
3. Maşyn gurluşyk kärhanalarynyň geografiki ýerleşişinde serişdeler möhüm faktorydyr, sebäbi bu pudagyň köp ugurlary zähmeti köp talap edýändir. Döwletde zähmet serişdeleriniň artykmaçlyk edýänligine garamazdan maşyn gurluşygynyň hünärli işçileri köp talap edýän kärhanalar gurulmady.

Geljekde Türkmenistanyň zähmet serişdeleriniň örän tiz köpelýändigini göz öňünde tutup zähmeti köp talap edýän, emma metaly az talap edýän maşyn gurluşyk pudaklary ösdürilmelidir.

1. Maşyn gurluşygy-halk hojalygynyň dürli pudaklary üçin taýýar maşynlar we enjamlar öndürýär.

2. Metal işleýän senagat maşynlary, enjamlary bejerýän we metal önümlerini öndürýän iki pudaga bölünýär. Bu senagat pudaklarynyň öndürýän önümleri döwletiň halk hojalygynyň ýöriteleşişine belli bir derejede gabat gelýär, emma olaryň tutýan orunlary örän tapawutlydyr.

Bazar gatnaşyklarynyň şertlerinde maşyn gurluşygynyň eksport edilýän önümleriniň görnüşlerine täzeden seredilýär we önümleriň esasy bölegi ýurdumyzyň öz içerki bazaryna gönükdirilýär

## Himiýa senagaty

Türkmenistanyň halk hojalygynyň ähmiýetli pudagara toplumynyň biri himiýa senagaty bolup, ol 10 sany senagat kärhanalaryndan ybaratdyr. Döwletiň himiýa senagaty çig mallarynyň görnüşlerine, öndürýän önümleriniň, kärhanalaryň tehnologiýa işleriniň aýratynlyklaryna laýyklykda bäş pudaga bölünýär:

1. Dag himiýa senagaty.
2. Esasy himiýa.
3. Nebit himiýa.
4. Durmuş himiýa.
5. Derman himiýa senagaty.

Bu pudaklaryň geografik ýerleşişleri we ösüş derejeleri çig mal, energetiki, zähmet serişdeleri, taýýar onümleriň peýdalanyş şertleri bilen aýrylmaz baglanşyklydyr.

1. Dag himiýa senagaty - arassa, sap - kükürt, tebigy duzlaryň dürli görnuşlerini çykarmak we olary gaýtadan işlemek ýaly önümçilik işlerinden ybaratdyr. Döwlete mälim bolan kükürt känleri Gowurdakda özleşdirilip, indi bu ýerden 60 ýyla golaý wagt bäri arassa kükürt çykarylýar. Gowurdakda kükürt ýerasty eretmek usuly bilen alynýar. we ol ož hili boýunça dünýä bazarlarynda bellidir, şonuň üçin Gowurdak kükürdi Ýewropanyň ösen ýurtlaryna hem eksport edilýär.

Dag himiýa senagatynyň ösen pudagy mineral duzlary çykarmakdyr. Olar nahar (daş duz, galit), kaliý we sulfat natriý duzlarydyr. Daş we nahar duzlary möhüm azyk önümi hem-de konserw serişdesidir. Himiýa senagatynda bu duzlardan soda, hlor, aşgar, duz kislotasy alynýar. Daş duzy keramiki, gön - deri, sabyn, metallurgiýa, elektrotehnika senagatynda, oba hojalygynda, medisinada peýdalanylýar.

Nahar duzunyň senagat taýdan çykarylyşy 1895-nji ýylda Guwlumaýakda we Baba Hojada başlandy. Häzir Guwly we Jeren duz promyselleri ýurdumyzyň iň kuwwatly nahar duz kärhanalarydyr.

Dag himiýa senagatynyň örän ähmiýetli ugry sulfat natriý ösdürmekdir, bu gymmatly çig mal Garabogazköl aýlagynda çykýar. Garabogazyň himiki baýlyklaryny özleşdirmek 1929-njy ýylda “Garabogazhim” trestiniň gurulmagy bilen başlandy. Häzir himikleriň şäherçesi Bekdaşda “Garabogazsulfat” önümçilik birleşigi sulfat natriý, epsomit, bişowit, glauder duzuny öndürýär.

Balkan welaýatynda Hazar we Balkanabat ýod-brom senagatynyň merkezleri bolup, olar esasy himiýa senagatynyň ähmiýetli pudagydyr.

Nebit - himiýa senagaty nebitden dürli himiki önümleri öndürýär. Türkmenbaşynyň nebiti gaýtadan işleýän zawodynda kir ýuwujy önüm öndürýar. Hazarda gurum zawody nebit bilen ugurdaş çykýan gazyň esasynda rezin-şin senagaty üçin önüm öndürýär.

Durmuş himiýa senagatynyň ýeke-täk kärhanasy Aşgabatda ýerleşip, ol ilat üçin dürli plastmassa gap-çanaklaryny, öýde ulanylýan enjamlary öndürýar.

Derman himiýa senagaty - döwletiň derman ösümliklerinden dürli derman öndürmeklige niýetlenendir. Şu maksat üçin Aşgabatda derman otlary

peýdalanmak bilen bir hatarda, çig maly beýleki ýurtlardan getirip hem peýdalanýar.

Türkmenabat şäherindäki buýan köki zawodynda hem dermanlar öndürilýär. Döwletde derman öndürilişini, olaryň paýlanyşyny we peýdalanylyşyny, ylmy taýdan öwrenilişini kadalaşdyrmak işlerini Türkmenistanyň saglygy goraýyş we derman senagaty ministrligi alyp barýar.

1997-nji ýylda Türkmenistanda uly farmasewtika zawody ulanylmaga berildi. Zawodyň gurluşygyny “Türkmenderman” döwlet ylmy-önümçilik birleşigi we Hindistanyň “Ajanta farm LTD” firmasy tarapyndan döredilen bilelikdäki türkmen-hindistan kärhanasy alyp bardy. Ol ýerli çig maldan analgetikleri, antibiotikleri, spazmalitikleri we beýleki däri-dermanlary öndürýär.

### Gurluşyk materiallary senagaty

Halk hojalygynyň çäk boýunça rejeli ýerleşişi we ösüşi, ykdysadyýetiň sazlaşykly we utgaşykly ösüşi ilki bilen gurluşyk senagatynyň derejesine baglydyr.

Ýurdumyzda alnyp barylýan hojalyk obýyektleriniň gurluşyklarynyň isleglerine laýyklykda Türkmenistanda köp pudakly gurluşyk materiallar önümçiligi döredi. Senagatyň bu pudagynyň esasy kärhanalary kerpiç, sement, demir-beton önümlerini we konstuksiýalary, asbest-sement, şiferleri, turbalary, penjire aýnasyny we mebelleri öndürýärler.

Gurluşyk senagaty ýerine ýetirýän wezipesine laýyklykda üç pudaga bölünýär:

1. Gurluşyk zatlaryny öndürýän senagat.
2. Gurluşyk.
3. Gurluyk infrastrukturasy.

Bular biri-biri bilen aýrylmaz baglanyşyklydyr we aýratynlykda hereket edip bilmeýärler.

Gurluşyk materiallary öndürýän senagat gurluşyk toplumynyň esasy özeni, daýanjy bolup, ol gurluşyk üçin zerur serişdeleri işläp çykarýar. Oňdürýän önümleriniň görnüşlerine laýyklykda bu senagata birnäçe pudaklar girýär:

1. Sement senagaty.
2. Demir beto we beton konstruksiýalaryny öndürýän senagat.
3. Diwar zatlaryny (diwar bloklaryny, kerpiç, keramika, bejeriş daşlaryny we ş. m.) öndürýän senagat.
4. Asbestsement önümlerini öndürýän senagat.
5. Magdan däl tebigy gurluşyk zatlaryny ( tebigy daşlar, çagyl, çäge, toýun, hek daşy, hek we beýlekiler) öndürýän senagaty.
6. Aýna senagaty.
7. Farfor-faýans senagaty.

Türkmenistanda gurluşyk materiallary senagaty pudaklarynyň arasynda döwlet we sebitara ähmiýetlisi sement senagatydyr.

Keletäniň sement zawody hek daşlaryny golaýyndaky karýerlerden alýar. Kärhanany ýangyç bilen (tebigy gaz) Mary-Aşgabat-Büzmeýin-Bäherden geçiriji, elektrik energiýany Mary GRES-Aşgabat - Büzmeýin - Bäherden elektrik liniýasy üpjün edýar.

Demir - beton we beton konstruksiýalary öndürýän senagat - gurluşyk materiallary senagatynyň iň ýaş, geljegi uly pudagydyr. Onuň kärhanalary gurluşygy dürli görnüşler üçin demir - beton konstruksiýalaryny taýarlaýar. Esasy merkezleri Aşgabat, Büzmeýin, Mary, Türkmenabat, Daşoguz, Balkanabat, Türkmenbaşy, Tejen, Şatlyk şäherleridir.

Diwar zatlaryny öndürirýän senagat kärhanalary - diwar bloklaryny, bişen we çig selikat kerpiçleri, keramiki çerepisalaryny öndürýar. 5.

Türkmenistanda tebigy mineral gurluşyk zatlary bolan daş, hek daşy, çagl, çäge, hek giň ýaýrap, olary çykarýan senagat ep-esli derejede ösendir. Merkezleri Kelete, Bäherden, Büzmeýin, Duşak, Galaýmor, Repetek, Türkmenabat, Kelif, Guwadag, Akdaş, Gýuşa we beýlekilerdir.

Aýna senagaty döwletiň köne senagat kärhanalaryň biri bolup, onuň merkezi Aşgabat şäheridir.

Gurluşyk - bu gurluşyk materiallar senagatynyň göniden-göni dowamy bolup, ol örän ähmiýetli halk hojalyk pudagydyr.

Döwletde gurluşyk işleri esasan 5 sany ugur boýunça alnyp barylýär:

1. Senagat gurluşygy.
2. Oba hojalyk gurluşygy.
3. Ulag gurluşygy.
4. Ýaşaýyş jaý gurluşygy.
5. Durmuş - medeni gurluşyk.

Gurluşyk infrastrukturasyna gurluşyk toplumyna hyzmat edýän önümçilik we önümçilik däl edaralary we kärhanalary degişlidir. Olar gurluşygy ulag, maşynlar, elektrik energiýasy we ýangyç bilen üpjün edýän kärhanalardyr.

## Ýeňil senagaty

Ýeňil senagatynyň düzümine dokma, tikin, bagana, gön-aýakgap, trikotaž önümçilikleri girýär. Olaryň ähli önümleri ilatyň goş-göni ulanylmagyna niýetlenendir. Ýeňil senagaty özi üçin ösümlik we maldarçylyk çig mallaryny berýän oba hojalygy bilen ýakyndan baglanyşyklydyr.

Türkmenistanyň pagtaçylyga ýöriteleşmegi pagta arassalaýjy senagat pudagynyň agdyklaýyn ösdürilmegine getirdi. Bu pudagyň zawodlaryny indi pagta öndürýän etrap merkezleriniň köpüsinde we welaýät merkezlerinde görmek bolýar.

Ýeňil senagatynyň gön-deri, ýüň pudaklary ýaňy ösüp barýan pudaklarydyr. Olaryň esasy kärhanalary Aşgabatda, Maryda, Türkmenabatda we Daşoguzda ýerleşýärler. Marydaky gön-deri önümlerini ilkinji işläp bejerýän iri fabrigiň bazasynda Aşgabatda, Maryda we Türkmenabatda aýakgap kärhanalary işleýär we olar hakyky hem emeli derilerden erkekler, aýallar we çagalar üçin dürli aýakgaplary öndürýärler.

Milli ykdysadyýetiň ileri tutulýan ugurlarynyň biri bolan dokma senagaty häzir ýurdumyzyň önümçilik gurluşynda uly orny eýeleýär.

## Azyk senagaty

Türkmenistanyň azyk öndürýän kärhanalary, esasan, ýerli oba hojalyk çig malyna daýanýar. Azyk önümleri çig mal serişdelerine, öndürilýän önümleriň görnüşlerine görä 2 topara bölünýär:

1. Ösümlik azyk önümleri.
2. Maldarçylyk azyk önümleri.

Bu önümler ýurdumyzyň halk hojalygynyň esasy ugurlary bolup, olar azyk meselesini çözmeklikde möhüm orna eýedirler.

Senagatyň düzüminde ösümlik çig malyna daýanýan kärhanalar agdyklyk edýär. Bu bolsa onuň çig mal bazasynyň ösendigi bilen düşündirilýär. Garaşsyzlyk ýyllaryndan başlap azyk senagatynyň düzüminde üýtgeşmeler bolup geçdi. Süýt we un önümçilikleriniň paýy ýokarlandy.

Türkmenistanyň azyk senagat kärhanalarynyň aglabasy ozal çörek bişirýän, un üweýän, süýt önümleriniň kärhanalaryndan, birnäçe et kombinatlaryndan ybaratdy. Pagta çigidinden çigit ýagyny öndürýän zawodlar Baýramalyda, Daşoguzda we Türkmenabatda guruldy. Konditer önümleri Aşgabadyň “Gündogar” süýji fabriginde, Daşoguz, Mary we Türkmenabat fabriginde öndürilýar.

Türkmenistanda çakyr zawodlary Aşgabatda, Büzmeýinde we Türkmenabatda ýerleşýärler. Çakyr önümçiligi Gökdepäniň, Sandykgaçynyň, Ýolöteniň we Garabekewül etraplarynyň iri üzümdarçylyk hojalyklaryndan hem alnyp barylýar. Nahar duzy günbatar Türkmenistandaky Guwly we Babahoja känlerinden alynýar.

Türkmenistanda balyk işläp bejerýän senagatyň esasy merkezleriniň biri Türkemnbaşy şäheriniň “Balkanabat” döwlet şereket önümçilik birleşigidir.

**Tema: 4. Türkmenistanyň oba hojalygy.**

1. **Ekerançylygyň ykdysadyýeti**
2. **Maldarçylygyň ykdysadyýeti**

Türkmenistan üçin ykdysadyýetiň oba hojalyk pudagy möhüm ähmiýete eýedir. Bu pudakda ýurduň jemi içerki önüminiň ep-esli bölegi (2000ý-26%) döredilýär. Ähli oba hojalyk önüminiň gymmatynda (1999ýyl) ekerançyklygyň paýyna 48%, maldarçylygyň paýyna 52% düşýär.

Türkmenistanda agrar gatnaşyklar garaşsyzlyk ýyllarynda kämilleşdirildi. Bu ugurda işler ýerleriň hususy eýeçilige we uzak möhletleýin kärendesine berilmegi; daýhan hojalyklarynyň döredilmegi we hususy eýeçiligiň girizilmegi; içerki kärende gatnaşyklarynyň ýaýbaňlaşdyrylmagy; şähsy kömekçi hojalyklarynyň, bakja ýerleriniň giňeldilmegi; ýöriteleşdirilen paýdarlar jemgyýetiniň döredilmegi; bank ulgamynyň, oba hojalyk önümlerini öndürijilerini maliýeleşdirmegiň kämilleşdirilmegi, olaryň salgytlardan boşadylmagy; nyrhlaryň ýuwaş-ýuwaşdan erkinlige göýberilmegi; oba hojalyk ekinleriniň tohumlaryny gowulandyrmak; haryt öndürijileri maddy-önümçilik we tehniki serişdeler bilen üpjünçiligini ýokarlandyrmak we şuňa meňzeş ugurlar boýunça alnyp barylýar.

Häzirki zaman bazar gatnaşyklaryna geçilende oba hojalygyny esasy üç ugur: daýhan hojalyklar, kärendeçiler toparlary (içerki kärende gatnaşyklary), paýdarlar jemgyýetleri, tohumçylyk hojalyklar we başgalar boýunça ösdürmek maksada laýykdyr.

**Ekerançylygyň ykdysadyýeti**

Belli bolşy ýaly ekerançylygy ösdürmek üçin amatly tebigy şertleriň we ýer baýlyklarynyň bolmagy zerurdyr. Biziň ülkämizde şolaryň hemmesi hem ýeterlik derejede bardyr. Ýurdumyzyň umumy meýdany 49,1 million gekdar bolup, şonuň 17 million gekdar töweregi suwarymly ekerançylyk üçin ýaramlydyr.

Oba hojalygyny geljekgi döwürde ösdürmek bilen baglanşykly meseleleri çözmegiň esasy şertleriniň biri topragyň hasyllylygyny ýokarlandyrmak, birinji nobatda, köne suwarylýän ýerleri täzeden abadanlaşdyrmak işleriniň zerur toplumyny amala aşyrmakdyr.

Ekerançylygy intensiwleşdirmek melioratiw çäreleriň toplumyny geçirmegi göz öňünde tutýar. Onuň üçin suw hojalyk gurluşygynyň häzirki zaman talaplaryna laýyklykda suwaryş toryny täzeden gurmak şeýle hem bar bolan zeý suwlary akdyrýän tor ulgamyny bejermek, olaryň täze ulgamlaryny döretmek zerur.

Amala aşyrylýan guramaçylyk we ykdysady çäreleriň netijesinde Türkmenistan, eýýäm birnäçe ýyl bäri özüni esasy azyk önümi bolan ýokary hilli bugdaý bilen üpjün edýär. Beýleki ekerançylykdan alynýan azyk önümleri bilen üpjün ediliş derejesi ýyl-ýyldan artýar.

Ýurdumyzda ekinleriň hasyllylygyny artdyrmak, önümiň özüne düşýän gymmatyny kemeltmek boýunça hem uly işler alnyp barylýar. Gowaçanyň we bugdaýyň ýurdumyzyň şertlerinde ýokary hasyl berýän sortlary önümçilige ornaşdyrylýar.

Türkmenistanda häzir gowaçanyň 17 görnüşi ekilip, olaryň 5-si inçe we 12-si orta süýümlidir.

Agrotehnikanyň talaplarynyň doly berjaý edilmegi (ýerleriň meliorativ ýagdaýlaryny gowylandyrylmak, ekişe taýýarlygy we ony geçirmegi dogry berjaý etmek, bejergi işlerini doly we wagtly - wagtynda geçirmeklik, zyýanly mör-möjeklere garşy göreşmek, tohumçylyk işini dogry alyp barmak we şuňa meňzeşler) ekinleriň hasyllylygynyň ýokarlanmagyna, önümiň özüne düşýän gymmatynyň kemelmegine, alynýan sap girdejiniň artmagyna getirýär.

Türkmenistanda miweli baglary, üzüm ekmeklige we olaryň hasyllylygyny artdyrmaklyga, şeýle hem şalyçylyga, şugundurçylyga uly üns berilýär.

## Maldarçylygyň ykdysadyýeti

Maldarçylyk Türkmenistanyň oba hojalygynyň möhüm pudagy bolmak bilen ol oba hojalygynyň jemi önüminiň 52% berýär (1999 ýyl.) Bu pudagyň önümini öndürmekde hususy hojalyklaryň paýy has uludyr. Eger-de 1999-njy ýylda jemi ekerançylyk önüminiň diňe 42,4% hususy hojalyklar öndüren bolsalar, onda maldarçylykda bu görkeziji 95,2% deň boldy. Ýurdumyz da gara mallar, dowarlar, gylýallar, düýeler, doňuzlar we guşlar ösdürilmek bilen, dowarlar sany boýunça has tapawutlanýarlar.

Düýedarçylyk maldarçylygyň möhüm pudagy bolmak bilen ol özüniň köp dertleri bejerýän çaly, keramatly hasaplanylýän gymmatly çig mal bolan ýüňi bilen tapawutlanýar.

Türkmenistan ençeme ýüzýyllyklardan bäri dünýäde iň ýyndam we çydamly atlaryň watany hasaplanylýar. Soňky ýüz ýylyň dowamynda türkmen atlarynyň ykbaly keç bolan hem bolsa, ahal-teke, ýomut atlarynyň gowy tohumlary Türkmenistanda saklanyp galdy.

Garaşsyzlyk şertlerinde ýurdumyzda ata-babalarymyzyň wepaly dost, ak ganat hasaplan bedewlerini köpeltmek, olaryň şöhratyny öňküsindende galdyrmak we dünýä ýaýratmak mümkinçiligi döredi.

Doňuzdaçlyk türkmen halkynyň öň, aglaba häzirem onuň etini iýmeýänligi üçin, Türkmenistanda rowaç ugur hasaplanmaýar. Emma ýurdumyzda doňuz etine uly isleg bildirýän hristian dinli milletleriň ep-eslisiniň bardygy göz öňünde tutulyp, doňuzdarçylyga hem ýeterlik derejede üns berilýär.

Ilaty ýumurtga, guş eti bilen üpjün etmek üçin guşçulygy ösdürmeklige amatly şertler döredilýär.

Esasy maldarçylyk önümlerini öndürmek tutuş ýurt boýunça soňky ýyllarda ösýär. Emma hojalygyň görnüşleri boýunça seredilende bu beýle däl. Döwlet oba hojalyk edaralarynda önümleriň ähli görnüşleri boýunça önüm öndürilişinde pese düşmeklik bolup, hususy hojalyklarda tersine, ýyl-ýyldan ýokarlanýar. Bu bolsa, Türkmenistanda maldarçylygy hususylaşdyrmagyň çalt depginler bilen ösýändigine şaýatlyk edýär. Maldarçylyk önümleriniň öndürilmmeginiň artmagy bilen bir hatarda mallaryň önümliligi hem ýokarlanýar.

## Oba hojalyk mallarynyň we guşlaryň önümliligi

Türkmenistanda maldarçylyk pudagyna degişli pileçilik we bal arçylyk ösdürilýär.

Maldarçylygyň Türkmenistan üçin däbe öwrülen görnüşleri-düýedarçylyk we gylýalçylyk mundan beýläk-de ösdüriler.

## Tema:5. Türkmenistanyň ykdysadyýetiniň ulag we aragatnaşyk pudaklary.

### Türkmenistanyň ulag we aragatnaşyk pudaklarynyň düzümi we ösüş depgini

Ulag her bir ýurduň halk hojalyk toplumynyň iň zerur toparlarynyň biridir. Häzirki döwürde kuwwatly ulagsyz ýurduň ykdysadyýetiniň ösmegi mümkin däldir. Çig malyň, ýangyjyň, kömekçi materiallaryň önüm öndürýän kärhanalara, taýýar önümiň bolsa sarp edijilere daşalmagy netijesinde önümiň gymmaty ulag harajatlarynyň möçberine laýyklykda artýar. Döwletiň ähli sebitleriniň ykdysady mümkinçiliklerini olaryň mineral çig mal, oba hojalyk hem-de zähmet baýlyklaryny bilelikde peýdalanmak, ilatyň durmuş-ykdysady we medeni derejesini ýokarlandyrmak, şeýle hem Türkmenistanyň halk hojalygynyň düzümini üstünlikli özgertmek, ähli ýurtlar bilen dostlukly daşary ykdysady aragatnaşyklary ösdürmek we halkara ykdysadyýetine goşulmak maksatlary amala aşyrmakda ulag we aragatnaşyk pudaklarynyň ähmiýeti has uludyr.

Ulag we aragatnaşyk pudaklarynyň düzümi öndüriji güýçleriň umumy ösüşine we jemgyýetçilik önümçiliginde ylmy-tehniki progresiň ornaşdyrylyş derejesine baglydyr.

Türkmenistanyň ulag we aragatnaşyk pudaklarynyň düzümine demir ýol, awtomobil, deňiz we içerki suw, geçiriji turba ulaglary hem-de aragatnaşyk serişdeleri girýär.

Ýurdumyzda daşalýan ýükleriň köp bölegi awtomobil, geçiriji turba we demir ýol ulaglarynyň paýyna düşýär.

Soňky ýyllarda hojalygyň pudaklarynyň ösmegine, ilatyň durmuş şertleriniň gowylanmagyna aragatnaşygyň täsiri has duýarlyklydyr. Bu pudak tarapyndan edilýän hyzmatlaryň möçberi ýyl- ýyldan artýar.

### Demir ýol ulagy

Bu ulag ýurdumyzyň ulag ulgamynyň esasy görnüşleriniň biri bolmak bilen, oňa demir ýol liniýalary, stansiýalary, wokzallary, lokomotiw we wagon ussahanalary, gurluşyk guramalary, demir ýol paromlary, edara ediş bölumleri, demir ýol üçin hünärmenler taýýarlaýan okuw jaýlary we beýlekiler girýärler. Ýük dolanyşygynda nebit we nebit önümleri, mineral gurluşyk materiallary, oba hojalyk önümleri, maşyn gurluşygynyň önümleri agdyklyk edýär.

### Awtomobil ulagy

Awtomobilleriň ýük göterijiligi demir we suw ýol ulaglaryna seredeňde az bolup, ol gaty agyr bolmadyk ýükleri az aralyga daşamak üçin niýetlenendir. Bu ulagyň artykmaçlygy onuň ýokary tizligi we ýüki goşmaça düşürip ýüklemezden “gapydan-gapa” eltip bilýänligidir.

Awtomobil ulagy köp taraply, çylşyrymly hojalyk pudagy bolup, oňa halk hojalyk awtomobil ýollary, ýolagçy, ýük gatnadýan awtomobiller we awtobuslar, awtomobil hojalyklary, bazalary, awtomobillere hyzmat edýän ussahanalar, ýangyç guýujy stansiýalar, awtomobil wokzallary we terminallary, awtomobil ýollaryny bejerýän kärhanalar we beýlekiler degişlidir.

Awtomobil ulagynyň esasy ykdysady görkezijileri: ulag ýollarynyň uzynlygy daşalan ýükleriň mukdary, ýük dolanyşygy, ugradylan ýolagçylaryň sany, ýolagçy dolanyşygy, çekilýän ýükleriň görnüşleri we esasy ugurlarydyr.

Türkmenistanyň esasy awtomobil ýoly Türkmenbaşy - Balkanabat - Aşgabat- Mary - Türkmenabat şäherlerini birleşdirmek bilen, ol ýurduň günbataryndan gündogaryna çenli, ýurduň bütin çäkleriniň üstünden geçýär. Beýleki ýollaryndan Aşgabat - Daşoguz, Balkanabat -Hazar, Balkanabat- Etrek- Esenguly, Mary - Serhetabat, Tejen-Sarahs, Türkmenabat-Daşoguz, Türkmenabat -Atamyrat, Daşoguz -Türkmenbaşy (etrap) awtomobil ýollaryny görkezmek bolar.

## Howa ulagy

Howa ulagy uçarlary peýdalanmak we olara hyzmat etmek bilen baglanyşykly kärhanalaryň we guramalaryň toplumydyr. Oňa ýolagçy we ýük çekmeklige niýetlenen uçarlar, aeroportlar, uçarlary bejerýän ussahanalar, uçarlara, aeroportlara we lagçylara hyzmat edýän beýleki ulgamlar degişlidir.

.

## Derýä we deňiz ulagy

1992-nji ýylda Türkmenistanda deňiz parohotçylygy döredildi. Ol dürli görnüşdäki häzirki zaman gämileri bilen üpjün edilip durulýar we Azerbaýjan (Baku), Eýran (Enzeli, Türkmen-Bender), Orsýet (Astrahan), Gazagystan (Aktau) ýaly ýurtlar bilen daşary ykdysady gatnaşyklarda möhüm orun tutýar. Esasy deňiz portlary Türkmenbaşy, Bekdaş we Alaja.

Türkmenistanyň deňiz ulag dolandyryşyna deňiz gämileri, gämi bejeriş ussahanasy, hyzmat we edara ediş guramalary girýär. Ýurduň deňiz ulagynda daşalýan ýukleriň düzüminde nebit we nebit önümleri, gurluşyk zatlary, pagta süýümi, maşyn gurluşygynyň önümleri, himiki çig mallar agdyklyk edýär. Hazar deňzinde ilkinji parom gatnawy 1962-nji ýylda Türkmenbaşy-Baku aralygynda açyldy. Häzirki wagtda Türkmenbaşy -Astrahan parom gatnawy hem hereket edýär.

2000-nji ýylda deňiz ýol ulaglarynda 161 müň tonna ýük daşaldy, bu 1999-njy ýylda seredeniňde 5% köpdür.

Derýa ulagy mundan beýläk-de ösüşe eýe bolar. Täze teplohodlar, tirkegler, ýuzýän köprüleri gurular.

## Aragatnaşyk pudagynyň ykdysadyýeti

Ykdysadyýetiň pudaklaryny ösdürmekde, olaryň utgaşykly işlemegini dolandyrmakda halkyň durmuş şertlerini gowulandyrmakda aragatnaşyk serişdeleriniň ähmiýeti uludyr. Aragatnaşyk ulgamynyň düzümine poçtalar,

aragatnaşyk uzelleri, telewision stansiýalar we merkezler, radio we telewision gepleşikleri alyp görkeziji liniýalar, kosmiki aragatnaşyk stansiýalary, döwletimiziň içindäki telefon, radio, telewizion magistral kabel liniýalary, gazet-žurnallary ýaýradyjy we olara abuna ýazuwyny geçiriji edaralar we beýlekiler girýärler. Aragatnaşyk maddy önüm öndürmän, ol ykdysadýetiň ähli pudaklaryna we ilata hyzmat edýär.

Paýtagtda we welaýat merkezlerinde abonentleri öýjükli, peýjing aragatnaşygyna goşmak, ýurduň telekommunikasion maglumat beriş ulgamlarynyň hereket edýänlerini ösdürmek we täzelerini döretmek göz öňünde tutulýar.

## Tema:6 Türkmenistanyň ykdysadyýetiniň gurluşyk pudagy.

### Gurluşyk pudagynyň umumy häsiýetnamasy we ösüşiniň depginleri

Türkmenistanyň ykdysadyýetinde senagat gurluşyk pudagy esasy orunlaryň birini tutýar. Ýurdumyz Garaşsyzlygyny alaly bäri gurulýan ýaşaýyş, medeni senagat obýektleriniň yzy üzülenok. By serişdeleriň esasynda ýurdumyzyň paýtagtynda we welaýat merkezlerinde köp sanly ýaşaýyş jaýlary, medeni binalary hem-de senagat obýektleri guruldy we gurulýar.

Maksatnama gurluşygyň we ilatyň gurluşyk serişdelerine ösýän talabyny kanagatlandyrmaga, onuň görnüşlerini köpeltmäge, gurluşyk serişdeleriniň öndürilişiniň netijeliligini artdyrmaga gönükdirilendir.

Ýurdumyzdaky amatly ykdysady ýagdaý, maýa goýumlarynyň möçberiniň has-da artmagy, Türkmenistanyň ägirt uly gurluşyk meýdançasyna öwrülmegi gürrüňsiz, gurluşyk senagaty serişdeler pudagynda hem özgertmelere ýardam edýär.

Senagatyň bar bolan gorlary hereket edýän önümçiligi 25 ýyla we ondan-da artyk döwri üpjün etmäge ýeterlikdir. Kärhanalaryň ählisinde ätiýaçlyk känleri bar, bu bolsa önümçiligiň durkuny täzelemäge we ony giňeltmäge mümkinçilik berýär.

Umuman, demir däl magdanlaryň gorlary pudagyň kärhanalaryny tutuş göz öňünde tutulýan döwürde esasy çig mal serişdeleri bilen üpjün etmäge mümkinçilik berýär.

Senagat gurluşyk serişdelerini ösdürmegiň esasy ugurlarynyň biri hem önümçilik kuwwatlyklaryny rejeli ulanmagyň, önümleriň görnüşini artdyrmagyň, öňde baryjy täze tehnologiýaly önümçilige ornaşdyrmagyň hasabyna önümçiligi güýçlendirmekdir, bu bolsa ýokary hilli we bäsdeşlige ukyply önümleri öndürmäge mümkinçilik berer.

Öňdebaryjy tehnologiýalaryň önümçilige ornaşdyrylmagy sanirtar-faýans önümler, elektrodlar, aýna izolýatorlary, diwar bezelýän keramiki plitkalar, keramiki uçekler, gaty kagyz, polietilen bukjalar, gips-gaty kagyzy ýaly täze önümleri öndürmäge mümkinçilik berer, bu bolsa Türkmenistana şu zatlaryň daşary ýurtlardan getirilmeginiň möçberini azaldar.

### Senagat obýektleriniň gurluşygy

Senagat, ýaşaýyş jaý we medeni kommunal gurluşygyň artmagy bilen baglanşyklykda, gurluşyk materiallary senagaty ep-esli ösüşe eýe bolýar.

Düýbünden täze bezeg serişdelerini, şol sanda köp reňkli berk bezeg örtügi bolan suwaglyk gipsi öndürmeklik göz öňünde tutulýar, bu bolsa jaýlaryň içki görnüşini gowulandyrmaga mümkinçilik berer.

Aşgabat şäherinde elektrodlary öndürmek we Büzmeýin şäherinde sanitariýa enjamlaryny öndürmek boýunça kärhanalaryň gurulmagy, öndürilýän önümiň görnüşini artdyrmaga mümkinçilik berer.

Gurluşyk materiallary senagaty dürli hilli we baý çig mal gorlarynyň bazasynda öz ösüşini üpjün etdi.

Gurluşyk zatlary senagatynda ilatly punktlaryň sanitar - gorag ýagdaýyny gowulandyrmak maksady bilen kärhanalary ol ýerlerden çykarmaklyga hem girişildi.

Öňdebaryjy tehnologiýalary önümçilige ornaşdyrmak, senagty täze enjamlar bilen üpjün etmegiň hasabyna kärhanalaryň ykdysady ýagdaýyny gowulandyrmaga gönükdirilen çäreleri durmuşa geçirmek göz öňünde tutulýar.

## Ýol gurluşygy

Ýurduň ýol (ulag) toplumy demir ýol, awtomobil, howa ulgamyndan ybaratdyr. Olaryň her biri hakda ýeterlik düşunje bolar ýaly gysgarak düşündiriş bereliň.

Demir ýol ulagy we uzak aralyga ýük daşamak boýunça esasy ulag serişdeleriniň biridir. Daşary söwdada ýük daşamagyň esasy agramy oňa düşýär. Eksport ýüklerini daşamakda onuň paýy 46%-e (1998ý.) barabardyr.

Biziň serhedimizi her ýyl kesip gecýän daşary ýürt awtomobilleriniň sanynyň soňky ýyllarda 110-müňden köpräk bolmagy Türkmenistanyň eksport-import harytlaryň tranzitiniň ýurdy, hökmünde özüne çekijiliginiň artýanlygyna şaýatlyk edýär.

Aşgabat -Gürgen -Aşgabat, Aşgabat - Maşat - Aşgabat, Mary- Saragt - Maşat, Türkmenabat -Saragt-Maşat ilkinji halkara ýollarynyň açylmagy Türkmenistanyň ilatyna edilýän hyzmatyň çägini giňeltmäge mümkinçilik berdi. Ýolagçy gatnawyny guramagy gowulandyrmak üçin Aşgabatda, Serdarda, Türkmenabatda dünýä ölçeglerine laýyk gelýän täze awtowokzallar guruldy.

## Ýaşaýyş jaý we medeni binalaryň gurluşygy

Ýaşaýyş jaýlary üçin, suw üpjünçiligi, gazlaşdyrmak we elektrikleşdirmek baradaky Maksatnama Garaşsyz Türkmenistanyň durmuş babatdaky döwlet maksatnamalarynyň ilkinjileriniň biri boldy, munuň özi bolsa ýurdumyzyň ilaty üçin arassa suwuň, tebigy gazyň we elektrik energiýasynyň doly elýeterli bolmagyny üpjün etmegi kepillendirdi. Şonuň netijesinde häzirki wagtda ýurdumyzda ilatyň elektrik energiýasy we gaz bilen üpjünçiliginiň görkezijileri ýokary bolup durýar.

Halkyň medeni derejesiniň ýokarlanmagynda, ýaşlarda zähmete, öz Watanyna söýgüni döretmekde kitaphanlar uly rol oýnaýarlar.

Türkmen topragynda biziň ata-babalarymyzyň baý taryhynyň bolandygyna şaýatlyk edýän köp taryhy we medeni ýadygärlikler bar. Türkmenistanyň medeni ýadygärlikleri dünýä ösüşiniň aýrylmaz bölegidir. Bu taryhy we medeni miras biziň halkymyzyň bahasyna ýetip bolmajak baýlygydyr.

Ýurduň paýtagty Aşgabat şaherinde, welaýatlaryň we etraplaryň merkezlerinde häzirki zaman arhitekturasynyň ýokary talaplaryna laýyk gelýän medeni edaralaryň gurluşygy giň gerim aldy.

Gysga döwür içinde biziň ýurdumyzda başgada birnäçe täze häzirki zaman myhmanhanalary, söwda merkezleri, administratiw jaýlary, ýüzlerçe beýleki ylmy

we medeni desgalar guruldy we gurulýar. Medeni binalaryň toplumy biziň paýtagtymyzyň we ýurduň beýleki şäherleriniň görküne görk goşýar.

## Tema:7. Türkmenistanyň maliýe, bank we salgyt ulgamy.

### Türkmenistanyň maliýe we bank ulgamynyň düzümi

Türkmenistanyň ykdysady syýasaty onuň üç möhüm ugrunyň: salgyt – býujet, pul – karz we gurluş ugurlarynyň sazlaşyklylygy bilen kesgitleniler. Ykdysadyýeti üstünlikli dolandyrmagyň täsirli guraly hökmünde Döwlet býujetiniň netijeliligini ýokarlandyrmak maliýe serişdelerini dolandyrmagyň bazar ykdysadyýetiniň kadaly işlemegi üçin möhüm ähmiýeti bardyr. Türkmenistan garaşsyzlygyny gazanmak bilen, ýurdumyzyň ykdysadyýetini dolandyrmagyň köne ulgamynda doly saplandy, şol ulgamyň esasyny bolsa maksatly görkezijileriň merkezleşdirip planlaşdyrylmagy düzýärdi. Döwlet dolandyryşynyň, hususan-da, bolsa durmuş-ykdysady ösüşiň döwlet maksatnamalaryny maliýeleşdirmegiň, Hökümetiň aktiwlerini dolandyrmagyň, daşarky hem-de içerki bergileri üzmegiň büs-bütinleýin täze wezipelerini çözmek zerurlygy ýüze çykdy.

1993-nji ýylda ykdysady özgertmeleriň başy başlanan mahaly iki sany ykdysady edaranyň – Döwlet plan komitetiniň hem-de Maliýe ministirliginiň binýadynda Türkmenistanyň Ykdysadyýet we maliýe ministrligi döredildi. Ol bolsa döwlet maliýe serişdeleriniň peýdalanylyşyny guramakda hem-de ony dolandyrmakda utgaşdyrmak wezipelerini ýerine ýetirýär, maliýe-býujet taýdan planlaşdyrmaga usul öwrediş taýdan ýolbaşçylyk edýär, Türkmenistanyň Döwlet býujetiniň taslamasyny işläp taýýarlamagy guraýar.

Bazar gatnaşyklary býujeti düzmäge we maliýe serişdelerini döwlet tarapyndan dolandyrmagyň ulgamyny guramaga hil taýdan täzeçe çemeleşmegi talap etdi. 1992-nji ýyldan başlap býujetiň gurşap alýan ugurlary ep-esli giňeldildi we býujet baradaky kanunlary hem-de býujet bilen alnyp barylýan işi kämilleşdirmek, täze býujet ulgamynyň institutlaýyn binýadyny pugtalandyrmak aýratyn hem halkara ölçeglerini hasaba almak bilen býujeti planlaşdyrmak, seljermek we oňa baha bermek barada belli bir maksada gönükdirilen işe başlandy.

1996-njy ýylda “Býujet ulgamy hakynda” Türkmenistanyň Kanuny kabul edildi, şol Kanun bolsa Döwlet býujetini düzmäge esasy çemeleşmeler býujeti işläp taýýarlamak babatda hem, ähli derejelerdäki býujetleriň merkezleşdirilen hem-de ýerli býujetleriň, ýörite belli bir maksatly emläkleriň, döwlet kärhanalarynyň maliýe serişdeleriniň özara gatnaşyklary babatda hem býujet ulgamynyň işlemeginiň hukuk esaslaryny kesgitledi. Döwlet serişdeleriniň halkara tejribelerine laýyklykda, 1997-nji ýylyň 1-nji ýanwaryndan başlap, Türkmenistanyň täze Býujet klassifikasiýasy herekete girizildi. Munuň özi býujet maglumatlarynyň halkara babatda deňeşdirilip görülmegini üpjün etmäge mümkinçilik berdi.

Býujetiň girdejileri babatdaky syýasat maýa goýum işini işjeňleşdirmäge, biznesiň kiçi we orta görnüşlerini ösdürmäge hem-de salgytlaryň ýygnalyşyna maliýe taýdan gözegçilik etmegiň usullaryny kämilleşdirmäge gönükdirildi.

Döwlet serişdeleriniň rejeli we netijeli peýdalanmagynyň bähbitleri üçin 1998-nji ýyldan başlap, Döwlet emläkleriniň we toplumlarynyň serişdeleri Türkmenistanyň Döwlet býujetine goşuldy, munuň hasabyna bolsa onuň gurşap alýan ugurlary ep-esli giňeldildi, onuň girdeji hem-de çykdajy bölekleriniň ulgamyny mundan beýläk-de pugtalandyrmaga ýardam etdi.

Döwlet býujetiniň kassa arkaly ýerine ýetirilmeginiň täze ulgamy girizildi. Býujetde durýan ministrlikleriň, wedomstwolaryň we edaralaryň töleg işlerini gazna hasaplaryndan ýöretmek hem-de derejelerdäki býujetleri kassa tarapyndan ýerine ýetirmek, merkezleşdirilen we ýerli býujetleriň gazna hasaplaryndan geçirilen operasiýalary programmalaýyn üpjün etmek baradaky düzgünnamalary hem-de hasabatlylygyň degişli görnüşleri işlenilip taýýarlanyldy.

## Türkmenistanyň döwlet býujeti

**Döwlet býujeti –** bu döwlet häkimiýeti edaralarynyň iş hereketini üpjün etmek üçin pul serişdelerini toplamagyň we harçlamagyň esasy maliýe meýilnamasydyr. Döwlet býujeti merkezi we ýerli býujetleri birleşdirýär.
Her bir derejedäki býujet girdejileri "Türkmenistanyň döwlet býujeti hakyndaky" kanunyna laýyklykda emele getirilýär.

**Döwlet býujetiniň girdejileri** umumydöwlet we ýerli salgytlar, ýygymlar, gümrük haky we salgyt däl tölegleri öz içine alýar. Goşulan gymmata salynýan salgyt, goşmaça tölegler, peýdadan we girdejiden alynýan salgyt, emläge salynýan salgyt, raýatlardan alynýan girdeji salgydy esasy umumydöwlet salgytlaryna degişlidir.

**Peýdadan alynýan salgyt** – salgyt salmagyň obýekti umumy peýdadyr. Umumy peýda önümi (işleri, hyzmatlary), beýleki maddy nygmatlary (esasy serişdeleri goşmak bilen) ýerleşdirmekden alnan peýdanyň (zyýanyň) we ýerleşdirmekden daşary operasiýalardan alnan pul serişdelerinden şolar boýunça çykdajylar aýrylandan soň galýan girdejiniň jemine deňdir.

**Goşmaça gymmata salynýan salgyt** – munuň özi önüm öndürilende we harytlar (işler, hyzmatlar) ýerlenende döredilen goşmaça gymmatyň döwlet býujetine alynýan bölegidir. Önümleri (işler, hyzmatlary) ýerlemek boýunça dolanyşyklar salgyt salmagyň obýektidir.

**Goşmaça tölegler** – bu harydyň gymmatyna goşulýan we alyjy tarapyndan tölenýän ikinji derejeli salgytdyr.

**Döwlet býujetiniň çykdajylary –** bu döwletiň pul serişdeleriniň paýlanylyşy we olaryň pudaklar, ýörite we sebitleriň maksatlary boýunça ulanylyşydyr.
Ykdysadyýetiň pudaklaryny maliýeleşdirmekligiň çykdajylary agrosenagat toplumyny we ykdysadyýetiň beýleki pudaklaryny, şeýle hem merkezleşdirilen düýpli maýa goýumlaryny we ýörite maksatly beýleki çäreleri maliýeleşdirmäge gönükdirilen harçlary öz içine alýar.

**Umumy häsiýetli döwlet hyzmatlaryna harçlar** – bu döwlet häkimiýeti we dolandyryş edaralaryny saklamaga, goranyşa we serheti goramaga, şeýle hem jemgyýetçilik tertibini we howpsyzlygy berjaý etmäge edilýän çykdajylardyr.

Kärhanalaryň maliýe hasabaty kärhanalaryň maliýe ýagdaýyny görkezýän görkezijileri özünde jemleýär. Maglumatlary ýygnamak döwlet hasabaty we buhgalterçilik balanslary görnüşinde amala aşyrylýar.

**Önümi (işleri, hyzmatlary) ýerleşdirmekden alynýan peýda** – önümi (işleri, hyzmatlary) ýerleşdirmekden gelen pul serişdelerinden goşulan gymmata salynýan salgydy, goşmaça tölegler, şeýle hem önümi (işleri, hyzmatlary)

öndürmek we ýerleşdirmek bilen baglanşykly hem-de onuň özüne düşýän gymmatyna goşulýan harajatlary aýryp kesgitlenýär.

**Banklaryň ykdysadyýetiniň pudaklaryna we ilata berýän karz pullary** bank hasabatynyň maglumatlary esasynda görkezildi.

Banklaryň ykdysadyýetiniň pudaklaryna we ilata beren karz pullary bank ulgamynyň ýurduň ykdysadyýetine beren karz serişdelerini aňladýar. Ykdysadyýete karz pul bermek häzirki wagtda täjirçilik banklarynyň hususy serişdeleriniň, şeýle hem agrosenagat toplumyna we ýaşaýyş jaý gurluşygyna döwlet kömegini bermek we beýleki maksatlar üçin Türkmenistanyň Merkezi bankynyň täjirçilik banklarynyň üsti bilen kärhanalara berýän serişdeleriniň hasabyna amala aşyrylýar.

Daşary ýurt maýadarlary Türkmenistanyň ykdysadyýetine karz pul bermek boýunça düýpli kömek berýärler.

**Ätiýaçlyk tölegi** – ätiýaçlandyrylanyň ätiýaçlyk şertnamasyna ýa-da kanuna laýyklykda ätiýaçlandyryja (ätiýaçlandyryş guramasyna) töleýän pul serişdesidir.

Ilatyň ätiýaçlandyrylyşy boýunça ätiýaçlyk tölegleri meýletin şahsy ätiýaçlandyrmanyň, raýatlaryň emläkleriniň ätiýaçlandyrmasynyň, hökmany ätiýaçlandyrmanyň şertnamalary boýunça ätiýaçlyk töleg serişdelerini öz içine alýar.

**Ätiýaçlandyryjynyň tölegleri** – ätiýaçlandyrylan adamda ätiýaçlandyryş ýagdaýynyň ýüze çykmagy bilen, ätiýaçlandyryjy tarapyndan ätiýaçlyk şertnamasynda ýa-da kanunda bellenen puluň ätiýaçlandyrylana tölenmegidir.

Býujet edaralarynyň zähmet haklarynyň, pensiýalaryň we döwlet kömek pullarynyň tölegi bellenen möhletlerinde geçirilýär.

## Türkmenistanyň salgyt ulgamy

Türkmenistanyň salgyt ulgamy we salgyt baradaky kanunlary garaşsyz we özbaşdak döwlet hökmünde Türkmenistanyň döredilmegi bilen emele gelip başlady.

1992-nji ýylda “Türkmenistanda daşary ýurt maýa goýumlary hakyndaky”, 1993-nji ýylda “Peýda üçin salgyt hakyndaky”, “Goşulan baha üçin salgyt hakyndaky”, “Batmak hakyndaky”, “Erkin telekeçiligiň ykdysady zonalary hakyndaky”, “Kärhanalar hakyndaky”, 1993-nji ýylda “Gymmat kagyzlar bilen geçirilýän operasiýalar üçin salgyt hakyndaky” kanunlar, we beýleki birnäçe kanunlar hem-de olara girizilen üýtgetmeler we goşmaçalar güýje girizildi.

Häzirki wagtda Türkmenistanyň çäklerinde şu salgytlar we býujete hökmany salgyt tölegleri hereket edýär:

- goşulan baha üçin salgyt;
- peýda üçin salgyt;
- şahsy adamlardan alynýan girdeji salgydy;
- ýerasty baýlyklardan peýdalanylandygy üçin salgyt;
- goşmaça tölegler;
- döwlet durmuş ätiýaçlandyrmasyna geçirilýän serişdeler;
- iş haky fondunyň ýokarlandyrylandygy üçin salgyt;
- emläk üçin salgyt;
- ulag serişdeleriniň eýelerinden alynýan salgyt;
- gymmatly kagyzlar bilen geçirilýän operasiýalar üçin salgyt;

- eýeçiligiň döwlete dahylsyz görnüşlerindäki oba hojalyk däl kärhanalaryndan alynýan ýer üçin salgyt;
- ýerli salgytlar we tölegler.

Dünýä tejribesinde kabul edilen umumy ýörelgeleri berjaý etmek bilen Türkmenistanda salgytlary hasaplamagyň we tölemegiň häsiýetli aýratynlyklary hem-de tapawutlary bar. Olar esasan, salgyt salmagyň desgalaryny kesgitlemekde, ulanylýan stawkalarda we salgyt ýeňilliklerinde beýan edilýär.

Türkmenistanda salgyt baradaky kanunlaryň ýerine ýetirilişi Baş salgyt gullugynyň we onuň welaýatlardaky, şäherlerdäki hem-de etraplardaky gurluş birlikleriniň üsti bilen amala aşyrylýar.

Döwlet býujetine salgytlardan we tölegleriden gelýän serişdeleriň esasy çeşmeleri:

- goşulan gymmatdan alynýan salgyt;
- durmuş ätiýaçlyk tölegi;
- goşmaça tölegler;
- peýdadan alynýan salgyt;
- raýatlardan alynýan girdeji salgydy;
- patent tölegi;
- gümrük gözegçiliginden gelýän ýygymlar.

**Türkmenistanyň bank ulgamy**

Banklaryň döreýiş taryhy 16-njy asyrdan başlanýar. “Bank” sözi “banco” diýen italýan sözünden gelip çykyp, “stol, oturgyç” diýmegi aňladýar, çünki pul we kredit amallary (operasiýalary) şonuň üstünde amala aşyrylypdyr. Banklaryň peýda bolmagyndan ozal orta asyrlarda pul maýdalaýjylar pul- söwda kapitalynyň wekilleri şol işi ýerine ýetiripdirler, olar täjirlerden pul goýumlaryny alyp, dürli şäherleriň we ýurtlaryň pullaryny alyş-çalyş etmegi ýöriteleşdirilipdir. Pul maýdalaýjylar ösdürimine (prosentine) karz bermek üçin täjirleriň pul goýymlaryny hem-de özleriniň pul serişdelerini peýdalanyp başlapdyrlar, bu bolsa pul maýdalaýjylaryň bankirlere öwrülişigini aňladypdyr.

Banklaryň alamaty bolan ilkinji edaralar 16-njy asyryň ahyrynda Florensiýada we Wenesiýada peýda bolupdyr. Olar diňe goýumlary kabul etmäge we nagt däl hasaplaşyklary amala aşyrmaga ýöriteleşipdirler. Gijräk, şoňa meňzeş banklar Amsterdamda (1605 ý.) we Gamburgda (1619 ý.) döredilipdir.

Şeýlelikde, pul serişdelerini we toplanan pullary jemleýän, öz müşderilerine kredit-hasaplaşyk amallaryny hem-de beýleki amallary we hyzmatlary edýän edaralary bank diýip atlandyryp başlapdyrlar. Şonuň bilen birlikde-de banklar-ssuda maýalarynyň hereketi, olaryň degişli gönükdirilişi we paýlanylyşy bilen baglanyşykly telekeçilik işiniň aýratyn görnüşidir. Banklar özleriniň edýän amallaryndan peýda gazanýarlar, goýumlar bilen karzyň göterim hasabyndaky tapawudy bolsa alýan peýdalarynyň çeşmesi bolup hyzmat edýär. Banklar süýşürintgi serişdelerini gönükdirmek arkaly pul maýasynyň toplanyş esasyny giňeldýärler hem-de önümçiligiň ösmegine ýardam edýärler.

Ösen bazar ykdysadyýetinde bank-özbaşdak täjirçilik guramasydyr, önümçiligi ösdürmegiň möhüm çeşmesidir. Bu onuň iň esasy ýörelgesidir. Bank işiniň netijesi-miwesi ozaly bilen töleg serişdelerini (pul massasyny) emele getirmekden hem-de her dürli hyzmatlary (kreditler, kepillendirmeler, zamunlyk,

maslahat bermek, emlägi dolandyrmak) ýerine ýetirmekden ybaratdyr we onuň işi önümçilik häsiýetine eýedir.

Bazar ykdysadyýetine geçiş döwründe banklar ösen bazar infrastrukturasynyň örän möhüm bölegine öwrüldiler. Häzirki zaman banklary diňe bir pul bilen söwda etmek bilen çäklenmän, eýsem olar şonuň bilen birlikde bazaryň-haryt öndürijileriň ýagdaýyny hem barlap kesgitleýärler. Banklar pul dolanşygyny we kredit gatnaşyklaryny hem guraýarlar, halk hojalygyny maliýeleşdirýärler, ätiýaçlandyrma amallaryny, gymmatbaha kagyzlary satmak-satyn almak, dellallyk hyzmatyny, maslahat bermek işini, dürli maliýe hyzmatlaryny ýerine ýetirýärler.

Pul serişdeleriniň bir edarada jemlenilmegi banklary hojalyk subýektleriniň arasyndaky özara tölegleriň tölenilişini çaltlandyrmak üçin netijeli tehniki serişde hökmünde ulanmaga mümkinçilik berýär, sebäbi olar munuň üçin öz girdejileriniň bir bölegini alýarlar. Banklar nagt däl hasaplaşyklary amala aşyrmak arkaly müşderileriň arasyndaky hasaplaşygyň barly amala aşyrylmagyny hem-de dolanyşykda ýören kagyz pul massasynyň azaldylmagyny üpjün edýärler.

Banklar özlerine ynamly garalýan edaralar hasaplanýar, olaryň öz işiniň özeni jemgyýetiň olara ynam etmegidir. Şoňa görä-de, olar bütin döwlet möçberinde ähli bank amallary geçirilip bilinýän ýeke-täk ölçegiň işlenilmeginiň tarapdary.

Hasaplaşyklaryň geçirilişini çaltlandyrmak hem-de olaryň tizligini ýokarlandyrmak üçin kompýuter tehnikasy giňden ulanylýar, kompýuter seti, elektron poçtasy, elektron pullary we ş.m. döredilýär.

Bazar ykdysadyýetinde banklar şu aşakdaky möhüm işleri ýerine ýetirýär:

- karzda dellallyk – araçylyk;
- töleglerde dellallyk – araçylyk;
- pul girdejilerini we süýşürintgilerini gönükdirmek hem-de olary maýa (kapitala) öwürmek;
- karz dolanyşyk serişdelerini döretmek.

Banklar özleriniň işiniň häsiýeti boýunça:

- emission banklara;
- täjirçilik banklaryna;
- inwestision banklara;
- ipoteka banklaryna;
- süýşürintgiler banklaryna;
- ýöriteleşdirilen banklara (mysal üçin söwda banklary) bölünýär.

Emission banklar banknot çykarmak işini amala aşyrýarlar hem-de kredit ulgamynyň merkezleri bolup durýarlar. Olar kredit ulgamynda aýratyn ýagdaýy eýeleýärler, sebäbi olar "banklaryň banky" bolup durýarlar.

Täjirçilik banklary senagat, söwda kärhanalaryna we beýleki kärhanalara kredit bermek bilen meşgullanýarlar, munuň özi, esasan, olaryň goýumlar görnüşinde alýan pul maýalarynyň hasabyna amala aşyrylýar. Olar eýeçiligiň görnüşleri boýunça:

a) hususy paýdarlar banklaryna;
b) kooperatiw banklara;
c) döwlet banklaryna bölünýär.

Häzirki zaman bazar ykdysadyýetinde, karz ulgamynyň işleýiş mehanizminde täjirçilik banklaryna ägirt uly ähmiýet berilýär.

Täjirçilik banky – ykdysady bähbitleri durmuşa geçirýän karz edarasydyr. Bank işi düzgün bolşy ýaly, nep berýän biznesdir, ol şunda belli bir ýörelgeleri gollanýar. Şol nepleriň biri hem peýda almakdyr, girdeji getirmekdir. Bankyň gazanýan peýdasy müşderilerden alynýan we olara bank amallary esasynda, şeýle hem edilýän hyzmatlar üçin ýygnalýan komission ýygymlaryň hasabyna tölenilýän ýörelgeleriň tapawudyndan emele gelýär. Peýdalylyk görkezijisi diýlip resmi suratda hasap edilýär. Şu ýörelgäniň manysyna bankyň girdejisiz, peýda almaýan ýaşap bilmejekdigini aňladýar.

Täjirçilik banklary maliýe hyzmatlarynyň giň gerimini ýerine ýetirýär. Olar maliýe dellallary atlandyrylýan işewür kärhanalaryň aýratyn hataryna girýär. Bu banklar ilatyň maýasyny, süýşürintgisini hem-de hojalyk işiniň netijesinde boş galýan beýleki erkin pul serişdelerini çekmek arkaly olary goşmaça maýa gerek bolanlara wagtlaýyn peýdalanmak üçin berýärler.

Býujet ýetmezçiligini ýapmak üçin bolan pul serişdesini alýan hökümet edaralary bolan Merkezi hökümetiň hem-de ýerli häkimiýet edaralarynyň üsti bilen hökümiýet edaralary alýarlar; dolanyşyk serişdeleriniň üstüni ýetirmek, täze enjamlary satyn almak üçin ssudalary peýdalanýan firmalar; uzak peýdalanylýan harytlary we jaý satyn almak üçin pul serişdelerini alýan ilat bankyň karz alyjylary hasaplanylýar.

Inwestision banklar dürli pudaklar, esasan-da senagaty, söwdany we ulagy maliýeleşdirmek hem-de olara uzak möhletleýin karz bermek bilen meşgullanýar. Senagat kärhanalarynyň we beýleki kärhanalaryň esasan maýa bolan isleginiň köp bölegi inwestision banklaryň üsti bilen kanagatlandyrylýar. Täjirçilik banklardan tapawutlylykda inwestision banklar (resurslar) karz çeşmeleriniň esasy bölegini hut öz paýlaryny we obligasiýalaryny çykarmak, şeýle hem täjirçilik banklaryndan karz almak arkaly toplaýarlar. Şunuň bilen birlikde hem olar senagat kompaniýalarynyň we beýleki kompaniýalarynyň paýlaryny çykarmakda we ýerlemekde işjeň rol oýnaýarlar.

Ipoteka banklary gozgalmaýan emläk bolan ýeriň hem-de binalaryň girew goýulmagy şerti bilen uzak möhletli ssudalar berýär. Olar karz çeşmelerini gymmat baha kagyzlaryň aýratyn görnüşini-girew listlerini (olar banklarda girew goýlan gozgalmaýan emläk bilen üpjün edilýär) çykarmak arkaly toplaýarlar. Ipoteka banklarynyň müşderileri fermerler, ilat, käbir halatda hem – telekeçilerdir.

Ýöriteleşdirilen bank edaralary karz bermegiň belli bir görnüşi bilen ýörite meşgul bolýan banklary öz içine alýar. Mysal üçin, daşary söwda banklary harytlaryň eksport we import edilmegini kreditleşdirmek üçin ýöriteleşdirilýär.

Ýurdumyzyň bank ugrunda üýtgetme geçirmek işi Türkmenistanyň dowam edip gelen döwlet banklaryny üýtgedip guramak we täjirçilik banklarynyň setini döredip başlamak esasynda 1992-nji ýylda başlandy.

Býujet we bank ugruny biri-birinden aýyrmak barada ilkinji ädimler edildi. Kanun tarapyndan Döwlet Merkezi banky ýerine ýetiriji hem serenjam beriji döwlet häkimiýet we dolandyryş edaralaryndan garaşsyz, ol diňe Türkmenistanyň Prezidentine hasabat berýär. Döwlet Merkezi banky bilen täjirçilik banklarynyň

özara hereketi kesgitlendi. Hakykatda ýurdumyzda 3 derejeli bank ulgamy döredildi.

1-nji dereje – merkezi bank

2-nji dereje – döwlet banklary (Daşary ykdysady iş banky we Süýşürintgiler banky).

3-nji dereje – täjirçilik banklary.

Her derejedäki bankyň öz wezipesini ýerine ýetirişiniň özboluşlylygy, karz serişdelerini emele getiriş hem-de sarp ediş şertleri düzgünleşdirişi we gözegçilik ediş aýratynlygy bardy.

Türkmenistanyň Merkezi bankynyň ýerine ýetirilmeli işleri şu aşakdakylardan ybaratdyr:

- karz-pul syýasatyny düzüp taýýarlamak we ýöretmek, munuň üçin ol jogapkärçilik çekýär;
- walýuta syýasatyny düzüp taýýarlamaga, geçirmäge gatnaşmak, walýuta gözegçiligini etmek, şeýle hem walýuta alyş-çalyş hümmetini işläp taýýarlamak we tassyklamak;
- ygtyýarnamalary (lisenziýalary) bermek hem-de banklara we bank ulgamyna gözegçilik etmek;
- döwletiň halkara rezerwlerini saklamak we oňa ygtyýar etmek;
- hasaplaşyklaryň netijeli ulgamyny guramak.

Kanuna laýyklykda ýurduň Merkezi bankynyň hasapnamasyndaky goýumlary banklaryň hemmesi üçin birmeňzeş bolan bellenen iň az derejede saklamagy täjirçilik banklaryndan talap etmäge haky bardyr. Ýöne şunda goýumlaryň möçberi karz serişdeleri tölemegiň möhletine, Türkmenistanyň Merkezi banky tarapyndan hökmany gorlar hökmünde kesgitlenilen beýleki borçnamalarabagly bolup biler.

Merkezi banklardan tapawutlylykda, täjirçilik banklary eýeçiligiň dürli görnüşine degişli edaralardyr. Munuň özi Türkmenistanyň kanunlarynda göz öňünde tutulandyr. Olaryň alyp barýan işi “Täjirçilik banklary we bank işi hakynda” Kanun, Türkmenisatnyň beýleki kanunçylyk namalary, banklaryň ustawlary hem-de Türkmenisatnyň Merkezi bankynyň kadalaşdyryjy namalary arkaly düzgünleşdirilýär.

Täjirçilik banklarynyň paýly esasda guralmagy ýurdumyzyň pul bazaryny emele getiren ilkinji ädim boldy. Paýçylar banky öz maýasynyň eýeleri däldirler, çünki şu hili banklara gatnaşýanlar (paýçylar) oňa maýanyň özüne düşýän paýyna eýeçilik hukugyny bermän, eýsem ony özlerinde saklaýarlar.

Paýdarlar-täjirçilik banklary (açyk we ýapyk görnüşindäkiler) banky döredijileriň (paýdaryň) maýasynyň eýesi hökmünde çykyş edýärler.

Täze görnüşli banklar üçin kesgitleýji ugur-ykdysady taýdan maksadalaýyklygydyr. “Täjirçilik banky” adalgasyna sözüň giň manysynda hem, dar manysynda hem düşünmek bolýandygy bellemek gerek. Sözüň giň manysynda bu bank täjirçilik ýörelgesinde hereket edýän bankdyr, sözüň dar manysynda-döwlete dahylsyz kärhanalar we guramalar tarapyndan döredilen bankdyr. Mundan beýläk “täjirçilik banky” adalgasy sözüň giň manysynda ulanylar, sebäbi mundan döwlet-täjirçilik banklaram, paýdarlar banklaram, hususy banklaram göz öňünde tutulýar.

Bankara walýuta biržasy bolsa onuň esasyny düzüji bolup durýar. Biržada geçirilýän söwdalara ähli telekeçilik banklary yzygiderli gatnaşýarlar.

**Türkmenistanyň ätiýaçlandyryş ulgamy**

Özbaşdak döwlet hökmünde Türkmenistanyň kemala gelmeginiň gysga möhleti içinde ätiýaçlandyrmanyň we ätiýaçlandyrma işinde bazar gurluşlaryny ösdürmegiň hukuk binýadynyň esasynyň goýan kanunçylyk düzgünnamalary kabul edildi.

1992-nji ýylda ätiýaçlandyrma işiniň esasy düşünjelerini, ätiýaçlandyrma gatnaşyklarynyň subýektlerini, ätiýaçlandyrma şertnamalaryny baglaşmagyň özboluşlylygyny, ätiýaçlandyrma guramalaryny döretmegiň, olara ygtyýarnama bermegiň we olaryň işiniň tertibine bildirilýän umumy kanunçylyk talaplaryny kesgitleýän "Ätiýaçlandyrmak hakyndaky" Kanun kabul edildi.

Hususy telekeçiligiň, bank ulgamynyň okgunly ösdürilmegi, daşary ýurtly maýadarlar üçin döredilen amatly ýagdaý maýanyň abat saklanylmagyny kepillendirmek boýunça ätiýaçlandyrma häsiýetindäki goşmaça çäreleri kabul etmegi talap etdi, şunuň bilen baglanyşyklylykda 1995-nji ýylda "Ätiýaçlandyrma hakynda" täze Kanun kabul edildi, şol Kanuna laýyklykda bolsa ýurdumyzyň ätiýaçlandyrma bazary daşary ýurt maýa goýumlary üçin açyk boldy.

1997-nji ýylyň martynda Türkmenistanyň ätiýaçlandyrma guramalarynyň bähbitlerini, ýörgünli daşary ýurt pulunda gelip gowuşýan serişdeleri artdyrmak mümkinçiligini üpjün edýän gaýtadan ätiýaçlandyrmak amallaryny geçirmegiň tertibi tassyklanyldy.

## Tema :8 Türkmenistanda döwlete degişli däl kärhanalaryň we telekeçiligiň ösüşi

## Ykdysadyýetiň döwlete dahylsyz ugurlarynyň umumy häsiýetnamasy

Kiçi kärhanalar bazar ykdysadyýetinde dürli görnüşli funksiýalary ýerine ýetirýäler. Kada höküminde, olar aýry-aýry uzelleri we gurallary ýasamak üçin ýöriteleşdirýärler, Iri kärhanalar bolsa taýyn önümleri ýygnamak işini alyp barýarlar. Kämahallar, kiçi kärhanalar senagatda we gurluşykda önümleri aralykda gurnamagy amala aşyrýarlar. Kiçi kärhanalaryň arasyndaky bäsleşik ýeterlik derejede güýçli häsiýetde bolýar. Kiçi kärhanalar esasan çäkli hyrydarçylykly lokal ýerleýşi bazarlaryny, çig -malyň we zatlaryň ýerli çeşmelerini nazara alýan ahyrky önüm çykarmaga hem ýöriteleşýärler.

Ykdysady özgertmeleriň baş ugry gurluş taýdan özgertmeleriň esasynda durnukly giňişligi döretmäge we döwlet eýeçiligini hususylaşdyrmak işini çaltlandyrmaga gönükdirilendir.

## Türkmenistanda kärhanalary hususylaşdyrmak we hususy eýeçiligiň ösüşi

Türkmenistanda hususylaşdyrmak işlerini durmuşa geçirmeklik şu aşakdaky baş meseleleriň çözülmegini ýeňilleşdirer:

1. dowlet eýeçiligindäki kärhanalary we obýektleri hususylaşdyrmagy amala aşyrmak arkaly bazar - maksatlara gönükdirilen hojalyk düzümini tizleşdirilen ýagdaýda emele getirmek.
2. hususylaşdyrylan kärhanalaryň ykdysady netijeliligini ýokarlandyrmak.
3. Bäsdeşlik ýagdaýyny döretmek we önümçilikde bir tarapyň agdyklyk edýän ýagdaýyny aradan aýyrmagy / ýekemenligiň bolmazlygyny üpjün etmeklik.
4. Özüni ödemeýän kärhanalary we obýektleri döwletiň eýeçiliginden aýyrmak.
5. Kiçi we orta biznesi ösdürmek.
6. Türkmenistanyň raýatlarynyň döwlet kärhanalarynyň emlägini / gymmat kagyzlaryny / satyn almagy.
7. Býujetiň girdejileriniň artdyrylmagy.

## 1. Kärhana we onuň görnüşleri

Jemgyýetçilik önümçiligi çylşyrymly ulgam bolmak bilen özüniň düzümi boýunça dürli kärhanalardan ybaratdyr. Kärhana jemgyýetçilik önümçiliginiň ilkinji şahasydyr. Hut şu ýerde işçi güýji bilen önümçilik serişdeleriniň birleşmesi netijesinde maddy nygmatlar öndürilýär.

Halk hojalygynyň ykdysady ýagdaýy kärhanalaryň işine baglydyr. Her bir kärhananyň işiniň netijeliliginiň ýokarlanmagy ýurduň ykdysadyýetiniň ösmegine alyp barýar.

Kärhana ykdysady gatnaşyklaryň subýektidir. Ilkinji nobatda ol döwlet bilen ykdysady gatnaşyklary alyp barýar. Bu gatnaşykda kärhana öz bähbitlerinden ugur almak bilen, işiniň netijesi, öndürýän önümleri,

ýerine ýetirýän hyzmatlary arkaly jemgyýetiň isleglerini kanagatlandyrmalydyr.

Her bir kärhana öz ygtyýaryndaky maddy, maliýe we zähmet resurslaryny tygşytly peýdalanmak meselelerini ykdysady usullara esaslanyp özbaşdak çözýär. Olaryň işine döwlet gurai jalarynyň ýerliksiz görkezmeler bilen gatyşmagyna ýol berilmeýär.

Ykdysady gatnaşyklar aýry-aýry kärhanalaryň arasynda hem ýüze çykýar. 01 gatnaşyklar, hem esasan, haryt alyş-çalyş gatnaşyklarydyr. Kärhanalaryň arasyndaky haryt gatnaşyklary hojalyk şertnamasyny baglaşmagyň üsti bilen amala aşyrylýar. Kärhana öz işgärleri bilen hem ykdysady gatnaşykda bolýar. 01 gatnaşyklar önümçiligi guramak, ony dolandyrmak, iş hakyny tölemegi guramak we işgärleri kärhananyň işiniň ykdysady netijeliligini ýokarlamdyrmagy höweslendirmek boýunça ýüze çykýan gatnaşyklardyr.

Şeýlelik bilen, ***kärhana*** - munuň özi jemgyýetiň isleglerini kanagatlandyrmak we peýda almak maksady bilen önüm öndürýän, harytlary ýerleşdirýän, işleri we hyzmatlary ýerine ýetirýän,ykdysadyýetiň özbaşdak subýektidir.

Kärhananyň işine özüniň zähmeti bilen gatnaşýän adamlar zähmet kollektiwini emele getirýär. Emma zähmet kollektiwi adamlaryň bir ýere topar bolup üýşmegini aňlatmaýar. 01 önümçilik kollektiwi hökmünde jemgyýetçilik zähmet bölünişiginiň netijesinde döreýär. Onuň döremegine adamlaryň biri-biri bilen ykdysady aragatnaşykda bolup durmagy hem belli bir derejede sebäp bolýar.

Kärhananyň çylşyrymly düzümi bardyr. 01 brigadalaryň, sehleriň we bölümleriň kollektiwlerini özünde jemleýär. *Kollektiw* bolsa, dürli durmuş toparlaryň agzalaryny, ýagny işçileri, inzener-tehniki işgärleri, gullukçylary we başgalary öz içine alýar.

Zähmet kollektiwiniň ýenede bir alamatlarynyň biri onuň jemlelen işgär hökmünde çykyş etmegidir. Onuň beýleki alamaty bolsa kollektiwiň ähli agzalaryna degişli bolan aýratyn bähbidiniň bolmagydyr. Şeýle bähbidiň döremegi kärhananyň ykdysady aýrybaşgalaşmagy bilen şertlendirilendir. Onuň mazmuny bolsa kärhananyň özbaşdak haryt öndüriji hökmünde hereket etmegi bilen baglanyşyklydyr. Zähmet kollektiwiniň bähbidi kärhananyň girdejisini köpeltmekden we onuň hasabyna önümçiligi giňeltmekden, işgärleriň durmuş-ykdysady ýagdaýlaryny gowulandyrmakdan ybaratdyr.

Kollektiwiň bähbidiniň döwletiň ýa-da beýleki kärhanalaryň bähbitlerine laýyk gelmezliginiň hem mümkindigini belläp geçmek gerek. Anyk aýdylanda, olaryň arasynda garşylygyň ýüze çykmagy mümkin.

Her bir kärhana özüniň girdejisini beýleki kollektiwleriň bähbitlerine ters gelýäň hereketler arkaly däl-de, diňe öz işini kämil guramagyň, onuň netijeliligini ýokarlandyrmagyň hasabyna gazanmalydyr. Eger-de kärhana önümçiligiň netijeliligini ýokarlandyrýan bolsa, onuň öndürýän önümi jemgyýetiň islegini kanagatlandyrýan bolsa, onda kollektiwiň bähbidiniň jemgyýetiň bähbidine laýyk gelýandigini aňladýar.

Jemgyýetiň, zähmet kollektiwleriniň we aýry-aýry işgärleriň bähbitleriniň arasyndaky garşylygyň bazar gatnaşyklarynyň üsti bilen ýüze çykýanlygyny

belläp geçmelidiris. Şeýle hem ol garşylyklary çözmekde bazar uly rol oýnaýar.

Bazar ykdysadyýeti şertlerinde kärhanalaryň dürli görnüşleri hereket edýär. Olar durmuş-ykdysady we guramaçylyk - hukuk gatnaşyklary esasynda tapawutlandyrylýar.

Durmuş-ykdysady gatnaşyklar ýa-da eýeçiligiň görnüşleri boýnça kärhanalaryň görnüşleri hökmünde hususy, döwlet we kooperatiw eýeçiligindäki, bilelikdäki we gatyşyk (birleşen) eýeçilikdäki kärhanalary, şeýle hem jemgyýetçilik guramalarynyň, halkara guramalarynyň, beýleki döwletleriň, olaryň fiziki we ýuridik taraplarynyň kärhanalaryny görkezmek bolar.

Ýokarda agzalan kärhanalar eýeçiligiň haýsy görnüşine degişlidigine garamazdan, deň derejede hereket edýär.

Guramaçylyk-hukuk gatnaşyklary boýunça Türkmenistanda hereket edýän kärhanalaryň şu aşakdaky görnüşlerini tapawutlandyrmak bolar.

1. ***Ýekebara kärhanalary;***
2. ***Döwlet kärhanalary;***
3. ***Jemgyýetçilik guratnalarynyň kärhanalary;***
4. ***Kooperatiw kärhanaiary;***
5. ***Hojalyk şereketleri;***
6. ***Paýdarlar jemgyýetleri;***
7. ***Zähmet kollektiwiniň kärhanalary;***
8. ***Kärhanalaryň birleşikleri.***

Bu kärhanalaryň her haýsysynyň üstünde aýratynlykda durup geçeliň! Bazar gatnaşyklaryna geçilýän döwürde ***ýekebara kärhanalarynyň*** döremegi biziň ykdysady durmuşymyzyň täze hadysalarynyň biridir. Şeýle kärhanalar äýry-aýry adamlaryň serişdeleriniň hasabyna döredilýär. Bu kärhanalaryň hereket etmegi ykdysadyýetde bar bolan birnäçe meseleleriň çözülmegine ýardam edýär. 01 meseleler bazary haryt bilen üpjün etmek, zähmet resurslaryny tygşytly peýdalanmak, her bir şahsyýetiň öz inisiatiwasy boýunça mümkinçiliklerini peýdalanmagy we ş.m. degişlidir.

***1-nji şekil***

***Türkmenistanda kärhanalaryň eýeçiligiň görnüşleri boýunça bölünişi***[1]

| Kärhanalaryň görnüşleri | 2007.01.01-ne |
|---|---|
| Hasaba alnan kärhanalar, hemmesi şol sanda: | 17762 |
| Hususy eýeçilik | 11177 |
| Döwlet eýeçiligi | 4041 |
| Jemgyyetçilik birleşikleriň eýeçiligi | 590 |
| Kooperatiw birleşikleriň (kärhanalaryň) | 591 |
| Eýeçiligiň garyşyk görnüşi (daşary ýurt eýeçiligini hasaba almazdan) | 725 |
| Bilelikdäki we daşary ýurt eýeçiligi | 638 |

Ýekebara kärhanalar özüniň ykdysady tebigaty boýunça hususy eýeçilige esas-lanýan kärhanalardyr. Olar özüniň ykdysady guramaçylyk görnüşi boýunça kiçi kärha-nalara degişlidir. Kiçi kärhanalar eýeçiligiň islendik görnüşi esasynda döredilip bilner.

***Döwlet kärhanalary*** önümçilik serişdelerine döwletiň eýeçiligi esasynda emele gelýär we hereket edýär. Bazar ykdysadyýetine geçilýän döwürde kärhanalaryň bir bölegini döwletiň garamagyndan aýyrmak we hususylaşdyrmak amala aşyrylýar.

***Jemgyýetçilik guramalarynyň kärhanalary*** jemgyýetçilik birleşikleriniň kärhanalaryna, dini guramalaryň, haýyr-sahawat we başga jemgyýetçilik gaznalarynyň kärhanalaryna bölünýär. Olar öz işlerini ustaw (düzgünnama) esasynda alyp barýarlar.

Kärhanalaryň ýene-de bir görnüşi - ***kooperatiw kärhanalardyr.*** Kooperatiw kärhanalar olaryň agzalarynyň önümçilik serişdelerine bolan eýeçiligine esaslanýandyr. Kärhananyň bu görnüşi onuň agzalarynyň maddy we pul serişdeleriniň, şeýle hem alnan girdejiniň hasabyna döredilýär. Kooperatiwler ykdysadyýetiň dürli pudaklarynda hereket edýär.

Guramaçylyk - hukuk tadýan kärhanalaryň indiki bir görnüsi ***hojalyk şereketleridir. Şereket*** - munuň özi raýatlaryň ýa-da ýuridik taraplaryň bilelikdäki lşi amala aşyrmak üçin şertnama esasynda birleşmesidir. Şereketiň emlägi oňa girýän fiziki ýa-da üyridik taraplaryň goýumlarynyň, olar tarapyndan alnan girdejileriň we beýleki çeşmeleriň birleşdirilmeginiň hasabyna emele gelýär hem-de şol emläk umumy üleş paýly eýeçilik esasynda oňa gatnaşyjylara degişli bolýar.

Indi paýdarlar jemgyýetlerine seredip geçeliň! ***Paýdarlar jemgyýetleri*** hojalyk işlerini amala aşyrmak üçin taraplaryň emlükleriniň birleşdirilmeginiň netijesinde döredilen kärhanalardyr. Paýdarlar hökmünde aýry-aýry kärhanalar we raýatlar çykyş edýärler. Olar paýdarlar kärhanasyny döretmäge goşan goşantlaryna (paýlaryna) görä paýnamalaryň belli bir sanyna eýe bolýär. **Paýnama** - munuň özi gymmatly kagyz bolup, onuň eýesiniň paýdarlar jemgyýetine goşant goşandygyna güwä$_t$ geçýär. Paýnamany saklaýjylar kärhananyň eýeleriniň birine öwrülýärler we onuň gazänan peýdasynyň bir bölegini öz paýnamasynyň möçberine görä girdeji hökmünde alýarlar. 01 girdejä *diwidend* diýilýär.

***2-nji şekil***

**Türkmenistanda kärhanalaryň guramaçylyk-hukuk görnüşi boýunça bölünişi**

| Kärhanalaryň görnüşleri | 2007.01.01-ne |
|---|---|
| Kärhanalaryň (guramalaryň)hemmesi şol | 17762 |
| Telekeçi kanuny hukukly taraplar, | 15350 |
| Döwlet kärhanalar | 1911 |
| Yekebara kärhanalar | 7302 |
| Daýhan hojalyklary | 1674 |
| Golçur kärhanalar | 362 |

| | |
|---|---|
| Jemgyýetçilik guramalarynyň | 181 |
| Hojalyk jemgyýetleri, şereketler | 2310 |
| Paýdarlar jemgyýetleri | 270 |
| Kooperatiw kärhanalar | 279 |
| Daýhan birleşikleri | 582 |
| Assosiasiýalar, konseraler, | 56 |
| Beýleki kärhanalar | 423 |
| Telekeçi däl kanuny hukukly taraplar | 2412 |
| Aýrybaşgalaşan bölümler (şahamçalar), wekillikler | 5621 |

Paýnamalaryň nominal gymmaty we real bahasy bardyr. Olaryň ýüzünde ýazgy bilen görkezilen summasy olaryň nominal gymmatydyr. Paýnamalaryň real bahasy ýa-da kursy olaryň satylýan we satyn alynýan bahasydyr.

Paýdarlar jemgyýeti açyk ýa-da ýapyk bolup biler. Açyk jemgyýetiň paýnamalary beýleki paýdarlaryň razylygy bolmasa-da, bir elden beýleki bir ele geçirilip bilner. Yapyk jemgyýetiň paýnamalaiy bolsa, diňe beýleki paýdarlaryň razylygy esasynda bir elden beýleki ele geçirilip bilner.

Eýeçiligiň döwletiň garamagyndan aýrylmagy netijesinde emele gelýän täze kärhanalaryň biri ***kollektiwleýin kärhanalardyr***. Bu kärhanalar kärendesine alnan döwlet emlägini satyn almagyň hasabyna döreýär. Şeýle kärhanalarda önümçilik serişdeleri zähmet kollektiwiniň eýeçiligine degişlidir.

Öz işlerini utgaşdyrmak üçin, bähbitlerini we hukuklaryny goramak üçin, kärhanalar birleşmelere, assosiasiýalara, konsernlere we ş.m.birleşip bilerler. Birleşigiň düzümine girýän özbaşdak kärhanalar territorial ýerleşişine garamazdan, birleşik bitewi önümçilik- hojalyk toplumy hökmünde işleýär, pudaklaryň we territoriýalaryň ösüşinde bähbitleri organiki utgaşdyrmagy üpjün edýär. Birleşigiň düzümine girýän kärhanalar özüniň özbaşdaklygyny we ýuridik tarapyň hukuklaryny saklaýarlar.

## 2.Kärhananyň hojalyk hasaplaşyk-täjirçilik işleri we olary guramagyň ýörelgeleri

Önumçilik serişdelerine eýeçiligiň görnüşine garamazdan, her bir kärhana hojalyk hasaplaşygy esasynda hereket edýär.

*Hojalyk hasaplaşygynyň mazmuny* alnan girdejiniň edilen çykdajydan köp bolmagyny we peýda almagy üpjün etmekden ybaratdyr. Başgaça aýdylanda, hojalyk hasaplaşygy hojälygy tygşytly alyp barmak diýmekdir.

Hojalyk hasaplaşygy kärhanalaryň hojalygyny alyp barmak usulydyr. 01 önüm öndurmek üçin edilen harajatlary we hoj alyk-täj irçilik işiniň netijelerini pul görnüşinde deňeşdirmäge, kärhananyň harajatlaryny onuň alýan girdejileriniň hasabyna ödemäge we peýda almaga esaslandyrylan usuldyr.

Hojalyk hasaplaşygy diňe bir hojalygy alyp barmak usuly bolman, şeýle hem ol ykdysady kategoriýadyr, önümçilik gatnaşyklaryny aňladýan

düşünjedir. Hojalyk hasaplaşygy kärhanalar bilen döwletiň arasyndaky, kärhanlaryň öz aralaryndaky, kärhanalar bilen olaryň işgärleriniň arasyndaky ykdysady gatnaşyklary aňladýar.

Hojalyk hasaplaşygy ykdysady kanunlaryň talaplaryny berjaý etmegiň we olary peýdalanmagyň kuwwatly serişdesidir. 01 gymmat ryçaglarynyň, ýagny önumiň özüne düşýän gymmatynyň, bahanyň, peýdanyň, sylagyň, karzyň, göterimiň we ş.m. hojalyk-täjirçilik işlerini alyp barmakda giňden ulanylmagyny göz öňünde tutýar.

Hojalyk hasaplaşygy kärhanalaryň maliýe-ykdysady ýagdaýyny olaryň hojalyk-täjirçilik işiniň netijelerine gös-göni bagly edýär. Onuň dogry guralmagy ykdysady resurslaryň tygşytly harçlanmagyny, kärhananyň düşewüntli işlemegini üpjün edýär.

Hojalyk hasaplaşygyny we täjirçilik işlerini dogry guramak üçin belli bir şertler zerurdyr. 01 şertlere *hojalyk-täjirçilik hasaplaşygynyň ýörelgeleri* diýilýär.

Hojalyk hasaplaşygyny we täjirçilik işlerini guramagyň esasy ýörelgelerine şu aşakdakylar degişlidir:

1. ***Ykdysady özbaşdaklyk;***
2. ***Özüňi ödeýjilik we düşewüntlilik;***
3. ***Özüňi maliýeleşdirmek;***
4. ***Maddy taýdan höweslendirmek;***
5. ***Ykdysadyjogapkärçilik;***
6. ***Manat bilen gözegçilik etmek.***

Ýokarda agzalan ýoreigeleriň üstünde aýratyn durup geçeliň.

Kärhananyň hojalygy netijeli alyp barmagy üçin öňi bilen onuň ykdysady taýdan özbaşdaklygy zerurdyr. Bu özbaşdaklyk nämäni aňladýar? Kärhananyň işine hiç kim, hiç gurama gatyşmaly däldir. Onuň özi gerek bolan önümçilik serişdelerini we işçi güýjüni satyn almak üçin öz puluny ýa-da karz alan puluny harçlaýar. Önümçilik faktorlaryny nähili tygşytly peýdalanmak, haýsy harytlary öndürmek ýaly meseleleri kärhananyň özi çözýär. 01 öndüren önümini hem bazarda özbaşdak ýerleşdirýär.

Kärhananyň önüm satmakdan alan puly onuň çykdajylary bilen deňeşdirilýär. Eger-de edilen harajatlaryň öwezi alnan pul girdejileriň hasabyna dolynsa, onda kärhananyň özüni ödedigi bolýar. Emma bu ykdysady ösüş üçin ýeterlik däldir. Kärhananyň girdejisi onuň çykdajylaryndan agdyk gelmelidir. Başgaça aýdylanda, ol peýda gazanmalydyr.

Alnan peýda kärhananyň özüni maliýeleşdirmegi üçin çeşrrfe hökmünde hyzmat edýär. Peýda önümçiligi giňeltmäge we kämilleşdirmäge, zähmet kollektiwiniň durmuş meselelerini çözmäge sapr edilýär. Şu maksatlar üçin karz alnan pul serişdeleri hem peýdalanylýar. Býujet tarapyndan kärhanalar mugt maliýeleşdirilmeýär.

Hojalygy has tygşytly we ýokary netijeli ýotermäge işgärleriň maddy taýdan höweslenmekleri zerurdyr. Bu höweslenme kärhnanyň işiniň ahyrky netijesiniň, peýdasynyň hasabyna üpjün edilýär.

Kärhana öz işiniň ahyrky netijesi üçin ykdysady taýdan jogapkärçilik çekýändir. 01 hojalyk şertnamalary boýunça öz borçlaryny pugta berjaý

etmelidir. Eger-de kärhana şertnamalaýyn borçlaryny bozsa, zyýan ýetiren kärhanasyna jerime töleýär. Bu bolsa onuň peýdasyny kemeldýär we işgärlerini maddy taydan höweslendirmek mümkinçiligini çäklendirýär.

Hojalyk hasaplaşygy kärhanalaryň işine pul bilen gözegçilik edilmegini göz öňünde tutýar. Bu gözegçilik maliýe-karz we salgyt guramalary tarapyndan amala aşyrylýar. Kärhanalara karz belli bir möhletli, maksatly we tölegli berilýär. Şonuň üsti bilen karz guramalary kärhanalaryň işine hemişe gözegçilik edýärler.

Salgyt guramalary kärhanalaryň alýan peýdasyna salgyt salýarlar, olaryň balans hasabatlaryny barlaýarlar we kabul edýärler.

Kärhananyň hojalyk hasaplaşygynyň netijeliligi onuň ýörelgeleriniň aýry-aýry bölümlere, toparlara iş orunlaryna ýetirilişine baglydyr. Sebäbi önümçilik resurslarynyň harçlanýan we önümiň önümçilige düşýän gymmatynyň kesgitlenýän ýeri hut kärhananyň aýry-aýry bölekleridir. Şoňa görä-de, umumy hojalyk hasaplaşygynyň üsti içki hojalyk hasaplaşygy bilen doldurylmalydyr.

## 3. Önümçiligiň kärende görnüşinde guralyşy

Bazar ykdysadyýetine geçmeklik çylşyrymly proses bolmak bilen dürli ykdysady çäreleriň amala aşyrylmagyny talap edýär. Şeýle çäreleriň biri hem önümçiligi guramagyň görnüşlerini üýtgetmekden we kämilleşdirmekden ybaratdyr.

Önümçiligi guramagyň täze gönüşleriniň biri hökmünde kärende çykyş edýär. Hojalygy alyp barmagyň kärende usulynyň oňat netijeler berýändigini we dürli şertlerde ýaşaýşa ukyplydygyny dünýä tejribesi subut etdi.

Eýsem ***kärende*** diýip nämä düşunmeli?

Munuň özi hojalygy alyp barmak üçin gerek bolan emlägi kärendeçi tarapyndan belli bir wagtyň dowamynda tölegli esasda peýdalanmak diýmekdir.

Türkmenistanda kärendey'lik işine ähli pudaklarda we eýeçiligin islendik görnüşinde ýol berilýär. Kärendesine şu aşakdakylar berlip bilner:

1. Ýer we beýleki tebigy resurslar;
2. Kärhanalar we guramalar, olaryň Özbaşdak bölekleri (sehler we beýlekiler);
3. Aýry-aýry jaýlar, desgalar, enjamlar, ulag serişdeleri we beýleki maddy gymmatlyklar.

Emlägi kärendesine bermek hukugy zat eýesine degişlidir. Seýle hem emlägi kärendesine berijiler hökmünde zat eýesi tarapyndan ygtyýar berlen edaralar we guramalar hem çykyş edip biler. Mysal üçin, döwlet karhanalary özleriniň garamagyndaky maddy gymmatlyklary kärendesine bermäge haklydyr. Ýeri kärendesine bermek hukugy ýerli öz-özüňi dolandyryş guramalaryna degişlidir.

Kärendeçiler hökmünde Türkmenistanyň, şeýle hem daşary ýurtlaryň kärhanalary we raýatlary çykyş edip bilerler.

Kärende gatnaşyklary kärende berijiniň we kärendeçiniň arasynda baglaşylan şertnama esasynda kadalaşdyrylýar. Sertnama boýunça kärendeçä hojalyk işini ýola goýmak üçin zerur bolan önümçilik sertişdeleri belli bir möhletiň dowamynda peýdalanmaga berilyär. Resminamada kärendä berýäniň we kärendeçiniň kärhanany dolandyrmak boýunça hukuklary we borçlary kesgitlenilýär. Mundan başga-da, şertnamada kärendesine berilýän emlägiň düzümi we onuň gymmaty, kärende hakynyň möçberi, kärendäniň möhleti göz öňünde tutulýar.

Kärende gatnaşyklarynyň möhüm düşunjeleriniň biri kärende hakydyr. 01 kärendesine berlen emläk üçin kärende möhletiniň dowamynda kärendeçi tarapyndan emlägiň eýesine yzygiderli tölenilýän tölegdir.

Kärende haky emläg eýesiniň emläge bolan hukugynyň durmuşa geçirilmesiniň görnüşi bolup durýar. Şol bir wagtyň özünde bu düşünjäniň üsti bilen kärendeçiniň hem bähbitleri berjaý edilýär. Sebäbi, ol zat eýesi bilen kärendesine berlen emläk üçin hasaplaşandan soň ykdysady we hojalyk özbaşdaklygyny gazanýar. Kärendeçi öz islegine görä hereket etmäge mümkinçilik alýar. 01 öz bähbitlerini göz öňünde tutmak bilen önümçilik serişdelerini has peýdaly ulanmaga çalyşýar.

Kärende gatnaşyklarynyň ösmegi diňe bir önümçiligiň netijeliligini ýokarlandyrman, ol eýeçilik gatnaşyklarynyň kämilleşmegine hem alyp barýar. Kärende kärhanalarynda kollektiw eýeçileriň döremegi üçin zerur şertler emele gelýär. Eýeçiligiň bu görnüşiniň döremegi şu aşakdaky iki ugur arkaly amala aşyrylýar:

- birinüden, kärendesine alnan emlägi doly ýa-da kem-käsleýin satyn almagyň netijesinde;
- ikinjiden, kärendeçileriň eýeçiligi bolup durýan girdejileriň hasabyna täze emläk satyn almak arkaly.

Kärendesine alnan kärhana satyn alnandan soň kärendeçilerifi karary boýunca kollektiw kärhana, kooperatiwe, paýdarlar jemgyýete ýa-da kollektiwiň eýeçiligi esasynda hereket edýän başga bir görnüşdäki kärhana öwrülýär.

Kärende hakyndaky kanun boýunça kollektiwiň eýeçiliginiň emele gelmegine goşan goşantlaryna laýykllykda kärhananyň her bir agzasynyň paýy kesgitlenilýär. Şoňa esaslanyp hem kärhananyň işgärlerine gymmatly kagyzlar - paýnamalar berilýär. 01 paýnamalara belli bir möçberde diwident tölenilýär.

Şeýlelikde, kollektiw eýeçilik işgärleriň goşmaça girdejileriniň möhüm çeşmeleriniň birine öwrülýär. Eýeçiligiň bu görnüşiniň döremegi işgärleriň zähmet işjeňliginiň ýokarlanmagyna alyp baýar, olaryň kollektiw eýeçiligi artdyrmaga colan höwesini güýçlendirýär. Sunlukda, eýeçiligiň ykdysady mazmuny düýpgöter üýtgeýär. Önümçilik serişdeleri düşnüksiz, ortalyk eýeçilikde bolmagyny bes edýär. Diýmek, kärende gatnaşyklarynyň ösmegi eýeçilik gatnaşyklarynyň has kämilleşmegi üçin oňaýly şertleri döredýär.

Häzirki wagtda kärendäni we kärende gatnaşyklaryny guramagyň dürli görnüşleri hereket edýär. Entäk olary hemme taraplaýyn kämil hasap etmek bolmaz. Şeýle-de bolsa, önümçiligi guramagyň bu görnüşleri bazar gatnaşyklaryna geçmekde uly rol oýnaýarlar.

Hereket edýän kanun boýunça Türkmenistanda kärendäniň şu aşakdaky görnüşlerine ygtyýar berilýär:

1.***Kärhanany kärendesine almak;***

***2.Emlägi raýatlaryň kärendesine almagy;***

***3.Hojalyk içindäki kärende potratçylygy.***

Bu görnüşleriň üstünde gysgajyk durup geçeliň!

***Kärhanany kärendesine almak*** diýlip kärendeçiler kollektiwiniň we kärendesine berijiniň arasynda baglaşylan şertnama esasynda ol kärhananyň emlägini kesgitli möhletiň dowamynda tölegli peýdalanmagyna düşünilýär.

Şeýle kärhana işgärleri işe almagyň we olary işden boşatmagyň düzgünlerini, zähmete hak tölemegiň görnüşlerini we ulgamlaryny, iş gününiň tertibini özbaşdak kesgitleýär. Kärehde kärhanasy öz alan girdejilerine hem özbaşdak erk edýär.

Kärende gatnaşyklarynyň indiki görnüşi - ***emlägi raýatlaryň kärendesine almagydyr.*** 01 ýekebara we toparlaýyn kärende görnüşinde hereket edýär. Şunda aýry-aýry raýatlar, olaryň belli bir topary hojalyk işini alyp barmak üçin özlerine zerur bolan emlägi wagtlaýynça ulanmaga alýarlar.

Yekebara maşgala ýa-da toparlaýyn kärende ýagdaýynda kärendeçiler öndüren önümlerine özbaşdak erk edýärler. Önümleri satmak, işleri ýerine ýetirmek we dürli hyzmatlary etmek sarp ediji bilen ylalaşmak esasynda ýa-da özbaşdak bellenilýän bahalar boýunça amala aşyrylýar.

***Hojalyk içindäki kärende potratçylygy*** aýry-aýry işgärleriň, olaryň toparlarynyň, bölümleriň kollektiwiniň zähmetini guramagyň we oňa hak tölemegiň görnüşidir. Kärendäniň bu görnüşi kärhanalaryň dürli görnüşlerinde peýdalanylýar. Beýle kollektiwler kärhananyň ýolbaşçysy bilen ylalaşylan kärende potratçylgynyň şertnamasy esasynda işleýärler. Kärendeçi kollektiw şertnamada göz öňunde tutulan önümi öndürmegi, ony kärhana bermegi ýa-da onuň görkezmesi boýunça beýleki kärhanalara we raýatlara satmagy borç edinýär. Şertnamada görkezilen möçberden artyk öndürilen önüme kärendeçi öz isleýşine görä erk etmäge haklydyr.

Önümçiligi kärende esasynda guramaklygyň görnüşlerini saýlap almaklyk ýönekeý mesele däldir. Ony birtaraplaýyn çözmeklik dogry bolmaz, çünki kärende gatnaşyklaryny ýola goýmagyň her bir pudakda, önümçiligiň dürli görnüşlerinde öz aýratynlyklary bar. Şu meselede ýalňyşlyga ýol berilmegi kärendäniň artykmaçlyklarynyň ýoga çykarylmagyna getirmegi mümkin. Netijede, garaşylýan ýokary görkezijileriň diňe howaýy hyýal bolup galmagy ahmal.

Şeýlelikde, kärende hojalygy alyp barmagyň iňňän çylşyrymly görnüşidir. Bazar ykdysadyýetine geçilýän döwürde kärende gatnaşyklarynyň ösmegi bar bolan kynçylyklardan çykmagyň ýollarynyň biridir. Şol sebäpden hem önümçiligi guramagyň bu görnüşiniň giň ýaýramagy üçin ähli mürmkinçilikleri döretmek zerurdyr.

## 4. Telekeçilik - hojalygy guramagyň görnüşi hökmünde

Bazar gatnaşyklaryna geçilmegi aýry-aýry düşünjelere bolan öňki garaýyşlaryň düýpgöter üýtgedilmegini talap edýär. Şeýle düşünjeleriň biri telekeçilikdir. "Telekeçi", "telekeçilik", "işewürlik" ýaly düşünjeler biziň şu günki ykdysady durmuşymyzyň iň ýörgünli düşünjeleridir.

***Telekeçilik*** - munuň özi raýatlaryň peýda almak maksady bilen harytlary öndümrek we ýerleşdirmek, hyzmatlary ýerine ýetirmek boýunça alyp barýan hususy işidir.

Telekeçiligi häsiýetlendirýän birnäçe alamatlary tapawutlandyrmak gerek. Olara täzelikçilik, çeýelik, töwekgelçilik we beýleki alamatlar degişlidir. Alnyp barylýan her bir işde telekeçi elmydama täzelegiň gözleginde bolmaly, ol bolup geçýän üýtgeşmelere, emele gelen ýagdaýa görä çeýe hereket etmegi başarmaly. Telekeçilik işini töwekgelçiliksiz göz öňüne getirmek asla mümkin däldir. Her bir täze işe baş goşulmagy telekeçiden töwekgelçiligi talap edýär. Bularyň üsti hojalyk işinde özbaşdaklyk we garaşsyzlyk ýaly alamatlar bilen doldurylýar.

Telekeçilik işi bilen dürli taraplar meşgul bolýar. Işçi hem, kärendeçi hem, dolandyryjy hem, kärhana eýesi hem telekeçi bolup biler. Şol sanda telekeçilik işini aýratynlykda ýa-da toparlaýyn görnüşde hem gurnamak bolar. Birinji ýagdayda aýratyn bir adamyň hususy işi, ikinji ýagdaýda bolsa olaryň toparynyň alyp barýan işi göz öňünde tutulýar.

Hususy telekeçiligiň ösmegi adamlaryň işe, eýeçilige bolan garaýşyny düýpli üýtgedýär. Olarda öz eýeçiliginde bar bolan serişdeleri aýawly saklamaga, olary yzygiderli artdyrmak meýilleri has güýçlenýär. Şu ýerde bir ýagdaýa üns bermek gerek. Telekeçilik işi bilen serişdeleriň eýesiniň özi ýa-da başga bir ygtyýar berlen adam meşgul bolýar. Ownuk telekeçilik şertlerinde serişdeleriň eýesi bolmak we telekeçi wezipesi bir adamda jemlenýär. Iri önümçilik barasynda muny aýtmak bolmaz. Koplenç halatda şeýle önümçilikde kärhananyň eýesi we telekeçi biri-birinden tapawutlanýar. Bu ýerde telekeçiniň wezipesini kärhananyň ýolbaşçysy ýerine ýetirmegi mümkin. Ýöne onuň kärhananyň eýesi bolmazlygy hem mümkin. Muňa kärhanalaryň döwlet, paýdarlar görnüşleri mysal bolup biler.

Telekeçilik işiniň ýaýbaňlanmagy üçin birnäçe meseleleriň çözülmegi möhümdir. Telekeçiligi höweslendirmegiň esasy şertleri hökmünde hojalyk taraplarynyň eýeçiligini goramaklyga kepil geçmek, millileşdirmek mümkinçiligini aradan aýyrmak, doly ykdysady erkinlik bermek, döwlet dolandyryş guramalarynyň telekeçileriň hojalyk işine gatyşmagyna ýol bermezlik, bazar gatnaşyklarynyň taraplarynyň hemmesine deň hukuk bermek, döwlet kömegini bermek hasap edilýär.

Bazar gatnaşyklaryna geçmekde ownuk telekeçilige aýratyn orun degişlidir. Kiçi kärhanalaryň ösmegi ykdysadyýetde kadaly bäsleşik - bazar gatnaşyklarynyň emele gelmegine we düzüm taýdan özgermeleri amala aşyrymaga şert döredýär. Şonuň üçin hem kiçi kärhanalary döretmeklige uly ähmiýet berilýär.

Özi hem bu kärhanalar eýeçiligiň islendik görnüşiniň esasynda döräp biler.

Kiçi biznesiň emele gelmeginiň ýollary köpdürlidir. Olara dükanlary, jemgyýetçilik iýmiti, durmuş taýdan hyzmat ediş kärhanalary satmak arkaly hususy eýeçilige geçirmek, täze kiçi kärhanalary döretmek we ş.m. degişlidir.

Türkmenistanda telekeçiligi ösdümrek meselesine uly ähmiýet berilär. Şu maksat bilen döwlet emlägi we telekeçiligi goldamak boýunça aýratyn gurama, şeýle hem telekeçiligi ösdürmek we goldamak barada Türkmenistanyň halkara paýdarlar banky döredildi.

Telekeçiligi ösdürmegiň ygtybarly ýollarynyň biri erkin ykdysady zolaklary döretmekdir. Şeýle zolaklar dünýäniň köp ýurtlarynda hereket edýär we özüniň netijelerini berýär. Şundan ugur alyp, Türkmenistanda ilki başda, 1992-nji ýylda 7 sany erkin ykdysady zolak döredildi. Olara Aşgbat-Abadan, Mary-Baýramaly, Hazar-Ekerem, Türkmenabat-Seýdi, Baharly-Serdar, Aşgabat-Änew, Daşoguz-Aeroport ýaly zolaklar degişlidir. Bulardan başgada Sarhs, Saparmyrat Türkmenbaşy adyndaky Aşgabat şäheriniň halkara aeroporty, "Güneşli Türkmenistan" ýaly zolaklary hem hereket edýär.

Bu zolaklarda telekeçilige we daşary ýurt maýasyny çekmeklige giň ýol açyldy. Erkin ykdysady zolaklarda dürli görnüşdäki kärhanalary açmaga rugsat berildi. Olara Türkmenistanyň kanunlary tarapyndan gadagan edilmedik islendik hojalyk işleri bilen meşgul bolmaga rugsat berildi. Bu zolaklarda tutuşlugyna daşary ýurt maýalaryna degişli kärhanalary gurmaga-da mümkinçilik döredildi.

Erkin ykdysady zolaklar döredilende şu aşakdaky maksatlary çözmeklik göz öňünde tutulypdy:

- sebitleriň durmuş-ykdysady ösüşini tizleşdirmek .
- dünýä ykdysadyýetiniň gazananlaryny ele almak (daşary ýurt kapitalyny ýurdaçekmek we bilelikdäki kärhanalary gurnamak ýoly bilen).

-daşary ykdysady gatnaşyklary giňeltmek (esasanam daşary söwdany).

- önümçiligiň, hojalygy alyp barmagyň we biznesi dolandyrmagyň täze usullaryny barlap görmek.

Häzirki wagtda bu göz öňünde tutulan maksatlar belli bir derejede çözüldi we olar barada köp işler alynyp barylýar. Işiň tiz ýola düşüp gitmegi üçin kärhanalary açmakda, olaryň hojalyk işlerini amala aşyrmakda döwlet tarapyndan köp ýeňillikler berildi. Öndürijiler, telekeçiler suwy, elektrik energiýasyny, gazy ýeňillikli bahadan satyn alýarlar.

Türkmenistanda telekeçiligi ösdürmek barada edilýän tagallalaryň ýene-de biri, ol hem telekeçilere berilýän salgyt ýeňillikleri bolup durýar. Salgyt ýeňillikleri-bu töleýjileriň salgytdan doly ýa-da kem-käsleýin boşadylmagydyr.

Türkmenistanyň XVI Halk Maslahatynda ýurtda hereket edýän salgyt kanunçylygyna düýpli üýtgetmeler girizildi. Indi önüm öndürýän hususyýetçiler üçin hem, telekeçiler üçin hem iki göterim salgyt salynýar. Bu salgyt derejesi şeýle bir ujypsyz möçberde goýlup, ol ähli gazanylan peýdanyň bary-ýogy 1/50 bölegini tutýar. Başga döwletlerde olara 20-25 göterim salgyt salynýar.

Salgydyň şeýle ujypsyz derejede goýulmagy Türkmenistanda alnyp barylýan il bähbitli ykdysady syýasatyň subutnamasydyr. Şonuň üçin hem ykdysadyýetiň bu böleginiň ýurduň umumy önüminde tutýan paýy gitdigiçe artýar.

Umuman aýdylanda, telekeçiligi ösdürmek üçin ähli mümkin bolan şertler döredilýär. Bu bolsa bazar ykdysadyýetine geçmegiň möhüm şertleriniň biridir.

2008-nji ýylyň Nowruz aýynyň 17-ne Türkmenistanyň hususy telekeçileriniň sergi-maslahaty geçirildi. Maslahatda Hormatly Prezidentimiz çykyş edip döwlete dahylsyz sektoryň jemi içerki önümde paýynyň 40 göterime barabardygyny belläp geçdi. Ýöne munuň entek ýeterlik däldigini nygtamak bilen, 2020-nji ýyla çenli bu sany 70 göterime ýetirilmelidigi barada aýtdy. Bu sepgide ýetmek üçin döwlet tarapyndan hemme taraplaýyn ýardam beriljekdigini nygtady, "Daýhan", "Senagat" we "Garagum" banislaryny berýän karzlary üçin alýan göterimleriiri 5 göterime çenli peseltmegi borçly etdi. Bulardan başgada şol maslahatda "Senagatçylar" we "Telekeçiler" birleşigini döretmek baradaky karara gol çekdi.

**Tema:9. Türkmenistanyň erkin ykdysady zolaklarynyň ösüşi.**

2007-nji ýylyň "Magtymguly" aýynda Hormatly Prezidentimiz "Awazada" erkin syýahatçylyk zolagynyň dörediljekdigini mälim edipdi we şonuň yzysüre diýen ýaly, has takygy Gorkut aýynyň 21-ne bolsa Hormatly Prezidentimiziň "Awaza" milli syýahatçylyk zolagyny döretmek hakynda Karary peýda boldy.

Awaza taslamasynyň amala aşyrylmagy bilen biziň ýurdurryzda dünýä derejeli, hem dünýa tejribelerini, hem öz milli modelimizi özünde jemlejek täze pudak-syýahatçylyk pudagy emele geler. Şeýlelikde "Awaza" türkmen syýahatçylygynyň merkezine öwrüler. Beýleki bir tarapdan, munuň özi täze döwrebap saglyk, dynç alyş merkezi hem bolar.

Hormatly Prezidentimiziň ýolbaşçylygynda Türkmenistan döwletimiz Täze Galkynyşlar zamanasynda täze ösüşler ýoluna düşdi.

Hormatly Prezidentimiz 2007-nji ýylyň "Bitaraplyk" aýynyň 3-de Türkmenbaşy şäherinde bolmak bilen daşary ýurt kompaniýalarynyň 40-a golaýynyň wekilleriniň gatnaşmagynda Hazaryň türkmen kenaryny ösdürmäge kuwwatly itergi berjek taslamalaryň birnäçesiniň tanyşdyryş dabarasyna gatnaşdy, "Awaza" milli syýahatçylyk zolagynyň döredilmegine ak pata berdi.

Häzir dünýäde syýahatçylyk iň köp girdeji getirýän telekeçilik işiniň bir görnüşidir. Soňky bir-iki ýylda syýahatçylyk telekeçiliginde aýlanýan pul serişdeleri 600 milliard dollara barabar boldy. Dünýäniň käbir döwletleriniň bolsa girdejisiniň agramly böleginiň daşary ýurtly syýahatçylaryň hasabyna emele gelýandigi hem mälimdir.

Häzirki wagtda Türkmenistanda hereket edýän syýahatçylyk kärhanalary her ýyl 60 müň syýahatça hyzmat edýär. Olaryň 12 müňsi daşary ýurtly raýatlardyr. "Awaza" milli syýahatçylyk zolagynyň döredilmegi ýokardaky görkezilen sanlaryň birnäçe esse artmagyna ýardam berer.

"Awaza" milli syýahatçylyk zolagy erkin ykdysady zolaklaryň bir görnüşi bolup durýar. Erkin ykdysady zolaklar XX asyryň ikinji ýarymynda

halkara gatnaşyklaryň aýrylmaz bölegine öwrüldi. Sebäbi olar haryt dolanşygynyň, maýa goýumlarynyň, ykdysady prosesleriň üsti bilen ykdysady galkynyşa uly itergi berýär.

Syýahatçylyk pudagy ykdysadyýetiň aýrylmaz bölegi bolmak bilen çäklenmän, eýsem onuň çalt ösmegine hem uly itergi berýän pudakdyr. Bu pudagyň ösmegi ulag, aragatnaşyk, söwda, gurluşyk we beýleki pudaklaryň ösmegine itergi berýär. Bu bolsa döwlete iş ýerlerini, salgyt girdejilerini we beýleki meselelerini çözmäge kömek edýär.

Ýurdumyzyň baştutanynyň parasatly başlangyjy bilen başlanan "Awaza" milli syýahatçylyk zolagyny döretmegiň esasy bir maksady Türkmenistanyň raýtalarynyň dynç almaga bolan hukugynyň üpjün edilmegidir, ýagny olaryň dünýä derejesine laýyk dynç almagy üçin zerur bolan infrastrukturany döretmekdir.

Döwlet baştutanynyň belleýşi ýaly bu ýerde amala aşyrylýan özgertmeler we elbetde "Awaza" milli syyähatçylyk zolagyny döretmegiň taslamasy Türkmenistanda ýaýbaňlanan durmuş-ykdysady reformalaryň bir bölegidir. Olaryň baş maksady ýurdumyzyň ägirt uly tebigy we serişde mümkinçiligini türkmen halkynyil bähbitleri üçin dolylygyna we hemmetaraplaýyn ulanmakdan ybaratdyr. Bu taslama häzirki zaman bazaryň, dünýa ykdysady integrasiýa şertlerinde dünýä tejribesini özünde jemlemelidir we hojalygy netijeli ýoretmegiň hem-de dolandyrmagyň öz modelmizi işläp taýarlamaga hyzmat etmelidir. Türkmenistan özara bähbitli şertlerde Hazaryň ýokary syýahatçylyk mümkinçiliklerini daşary ýurtly hyzmatdaşlarymyza işe girizmegi hödürläp, olar üçin amatly maýa goýum ýagdaýy döredilýär.

Hormatly Prezidentimiz Türkmenistanyň eýýam "Awazany" abadanlaşdyrmak üçin 1 milliard amerikan dollaryny goýandygyny, häzirki tanyşdyryş dabarasynda hödürlenen taslamalaryň umumy möçberiniň bolsa 4 milliard dollara barabardygyny habar berip, bu ýerde dünýa derejesindäki ajaýyp şypahananyň dörediljekdigini we şunda deňziň kenar ýakasynyň tebigy gözelliginiň we arassalygynyň saklanylyp

galjakdygyny nygtady. Döwlet baştutany "Awazanyň" strategik maksady diňe bir deňiz ýakasynyň depginli ykdysady ösüşine hyzmat etmek bilen çäklenmän, eýsem birnäçe durmuş meseleleri, şol sanda täze iş orunlaryny döretmegiň hasabyna toplumlaýyn çözmekden hem ybaratdyr diýip belledi.

Hormatly Prezidentimiz birnäçe kararlara gol çekip, "Awazada" Hazaryň kenarynda iri sanatoriýa-şypahana dynç alyş we syýahatçylyk merkezini döretmek baradaky ägirt uly meýilnamanyň durmuşa geçirilmegi netijeli halkara hyzmatdaşlygynyň täze nyşany, Garaşsyz Bitarap Türkmenistanyň ýöredýän parahatçylyk söýüjilik, hoşniýetli goňşyçylyk we_döredijilik syýasatynyň beýany bolar diýip nygtady. Kararlara laýyklykda bolsa iri maýa goýum taslamalaryny durmuşa geçirmäge badalga berdi.

"Awaza" syýahatçylyk zolagy kenar ýakasynda ýerleşip onuň ini 1,2 kilometr, uzynlygy 16 kilometre çenli uzalyp gidýär.

Dynç alyş zolagynyň tutýan meýdany örän uly bolanlygy üçin (1700 gektar) ondaky alnyp barylýan gurluşyklar üç tapgyrda amala aşyrylar. Eýýam birinji tapgyrda meýdany 40 gekdara deň boljak suwa düşülýän köl 30 müň dynç alyjyny kabul eder.

"Awazanyň" gurluşyk taslamasyna laýyklykda, ýerli we daşary ýurt maýa goýumlarynyň hasabyna ýakyn ýyllarda 40 sany köp gatly, ýokary hilli oteller, birnäçe willalar, 4 sany çagalar sagaldyş merkezleri gurular. Her bir pansionat üçin 3 gektardan 10 gekdara çenli ýer bölünip berler. Umuman birinji tapgyryň ahyryna çenli "Awaza" otelleri 15 müňden 20 müňe çenli syýahatçyny kabul eder.

**Tema:10. Türkmenistanyň ykdysadyýetiniň durmuş pudaklary.**

## Önümçilik däl pudaklaryň düzümi we ösüş depginleri

Türkmenistan garaşsyzlygyny alandan soň önümçilik pudaklaryny ösdürmek bilen bir hatarda önümçilik däl (pudaklary) ulgamy özgertmegiň anyk çäreleri kesgitlendi.

Hyzmatlary öndürýän we ýerine ýetirýän pudaklar degişli bolýar. Türkmenistanyň önümçilik däl uguryna pudaklaryna şu aşakdakylar degişlidir:
1. Saglygy goraýyş.
2. Ylym we bilim.
3. Medeniýet we sungat.
4. Sport we syýahat we hyzmatlary döredýän beýleki pudaklar degişlidir.

Önümçilik däl uguryň pudaklaýyn düzümi Türkmenistanda, Garaşsyzlyk ýylyň dowamynda düýpli özgerdi. Bazar ykdysadyýetine geçiş döwründe bu pudaklary ösdürmekde anyk maksatnamalar işlenip düzüldi we olar durmuşa geçirilip başlandy.

Türkmenistan bazar ykdysadyýetine geçmekligiň öz milli nusgasyny saýlap aldy. Şoňa laýyklykda önümçilik däl uguryň pudaklarynyň ösüş ugurlary kesgitlendi.

Türkmenistanda ylmy ösdürmek üçin birnäçe wezipeleri çözmek göz öňünde tutulýar:
- ylmy mümkinçilikleriň ykdysadyýeti we durmuş pudaklaryny ösdürmegiň ileri tutulýan ugurlarynda jemlenmegini hem-de ýurdyň ýerli şertlerini we aýratynlyklaryny göz öňünde tutup pudaklaryň anyk wezipeleriniň çözülmegini;
- ýokary okuw mekdepde ylmyň we gumanitar barlaglarynyň ösdürilmeginiň, ylmy mümkinçilikleriniň ulanylmagyny;

Önümçilik däl uguryň pudaklarynyň ösmegi bazar ykdysadyýetine geçişi çaltlandyrmaga uly ýardam berer. Bu bolsa ykdysadyýetiň durmuş pudaklaryň ösmegine şert döreder.

## Saglygy goraýyş

Durmuş pudaklaryň içinde saglygy goraýyş esasy orny eýeleýär. Ilatyň saglygyny goramak olaryň işe ukyplylygyny ýokarlandyrmak saglygy goraýyş guramalarynyň, saglyk öýleriniň esasy wezipesi bolup durýar. Türkmenistanda garaşsyzlyk ýyllary içinde saglygy goraýyş ulgamy düýpli özgerdildi.

Halkyň saglygy Garaşsyz Türkmenistanyň esasy baýlygydyr.

Ilkinji medisina kömeginiň ulanylmagy, maşgala boýunça ilata hyzmat etmäge doly geçilmegi medisina hyzmatynyň ýokarlanmagyna getirdi. Keseliň öňüni alyş çärelerini geçirmäge mümkinçilik döretdi.

Maşgala hünärmentleriniň esasy işi sagdyn durmuş düzgünini kemala getirmekden, keselleriň öňüni almakdan ybaratdyr. 1996-njy ýylyň 1-nji ýanwaryndan başlap Türkmenistanyň ilatyna erkin saglygy goraýyş ätiýaçlandyrmasy girizildi. Ol her bir raýata Türkmenistanda netijeli saglygy goraýyş hyzmatlaryny kepillendirýär.

Özgertmeleriň ýyllary içinde saglygy goraýyş ulgamynda: dolandyryşyň ulgamynyň netijeliligini ýokarlandyrmaga, bejeriş-öňüni alyş edaralarynyň setini giňeltmegiň we ýerleşdirmegiň ulgamlaryny kämilleşdirmäge gönükdirilen uly üýtgeşmeler durmuşa geçirildi.

Welaýat merkezlerinde we Aşgabat şäherinde hem ugurly we ýöriteleşdirilen gospitallar, enäniň we çaganyň saglygy boýunça hassahanalar, etraplarda we şäherlerde bolsa bitewi etrap we şäher hassahanalary şeýle hem saglyk öýleri döredildi.

Kadrlary taýýarlamak we täzeden taýýarlamak işine, ony dünýäniň ösen ýurtlarynyň derejesine ýetirmäge aýratyn üns berilýär.

“Saglyk” maksatnamasyna laýyklykda ilaty derman serişdeleri bilen üpjün etmek öz önümçiligimiziň hasabyna ýerine ýetirilýär. Häzir halkara ölçegleriniň talaplaryna laýyklykda öňde baryjy tehnika bilen enjamlaşdyrylan iki sany derman kärhanalary üstünlikli işleýärler.

“Türkmen-Ajanta Farma LTD” bilelikdäki türkmen hindi kärhanasy 40-dan gowrak derman önümleri öndürýär.

Saglygy goraýyş ulgamynyň ösüşiniň, ýurduň ykdysadyýeti üçin möhüm ähmiýeti bardyr. Önümçilik pudaklarynda işleýan adamlaryň işe ukyplylygyny goramak, tutuş ilatyň sagdyn durmuşy üçin döwlet derejesinde köp çäreler durmuşa geçirilýär.

## Ylym we bilim

Garaşsyzlyk ýyllary içinde ylmy-tehniki ugurda ylmy dolandyrmagyň düzümini kämilleşdirmäge ýurduň durmuş-ykdysady ösüşiniň möhüm, ileri tutýan wezipelerini çözmäge ylmy edaralary ugrukdyrmaga gönükdirilen çuňňur özgerişler boldy.

Ýurduň ilatyny ýerli çig malyň esasynda taýýarlanylan däri-dermanlar bilen üpjün etmek maksady bilen 1999-njy ýylda Türkmenistanyň derman serişdeleri ylmy-barlag instituty döredildi.

Garaşsyzlyk ýyllary içinde ýurtda düýpli we amaly barlaglary geçirmek üçin ylmy baza emele geldi.

Soňky 2 ýylyň içinde Türkmenistanyň ylmy-tehniki ugurda ylmy dolandyrmagyň düzümini kamilleşdirmäge, ýurduň durmuşy -ykdysady ösüşiniň möhüm, ileri tutýan wezipelerini çözmek üçin ylmy edaralary ugrukdyrmaga gönükdirilen çuňňur özgerişekler geçirildi.

Häzirki wagtda bilim adamzadyň osüşinde öňe sürülýän ugurlaryň biridir.

Bilim syýasatyny durmuşa geçirmegiň esasy wezipelerine şulardan ybarat:

- milli taýdan galkynmagyň maksatlaryna laýyklykda bilimi özgertmek;
- bilim toplumyny bazar gatnaşyklarynyň düzgünlerine uýgunlaşdyrmak;
- bazara geçmegiň şertlerinde bilim ulgamyny goramak. Häzirki döwürde şu ugurlar üstünlikli durmuşa geçirilýar.

Ugurlarynyň görnüşleri esasynda aýdyň beýan ediläýr.

Mekdeplerde okuw okatmaklygyň usullary düýpli özgerdildi. Türkmenistanyň ähli künjeginde 10 ýyllyk bilim almagy ornaşdyryldy. Orta bilim ulgamynda ýaşlara üç sany dili öwretmek üçin mümkinçilikler döredilýär. Okatmaklygyň dünýä talaplaryna laýyk gelýän usullary mekdeplere ornaşdyryldy.

## Tema:11. Türkmenistanyň ykdysadyýetinde söwda, jemgyýetçilik iýmiti we durmuş hyzmatlary.

Türkmenistanda önümçilik serişdelerine we önümçiligiň netijesine eýelik etmegiň görnüşleriniň köpdürliligi ykrar edilýär we olaryň hereket etmegine rugsat berilýär. Döwlet eýeçiligiň ähli görnüşlerini ösdürmek üçin olary deň derejede goraýar we deň şertler döredýär.

Biziň ýurdumyzda eýeçilik aşakdaky görnüşlerde çykyş edýär:

- ***hususy eýeçilik;***
- ***döwlet eýeçiligi;***
- ***jemgyýetçilik birleşikleriniň (guramalarynyň) eýeçiligi;***
- ***kooperatiw birleşikleriniň eýeçiligi;***
- ***bilelikdäki kärhanalaryň eýeçiligi;***
- ***beýleki döwletleriň, olaryň hukuk taraplarynyň we raýatlarynyň eýeçiligi;***
- ***halkara guramalarynyň eýeçiligi;***
- ***gatyşyk (birleşen) eýeçilik.***

Eýeçiligiň ýokarda agzalan görnüşleriniň üstünde durup geçeliň!

Türkmenistanda önümçilik serişdelerine, ýere, beýleki maddy hem ruhy gymmatlyklara hususy eýeçilik hukugy ýoreýär.

***Hususy eýeçilik*** diýip önümçilik serişdelerine we önümçiligiň netijesine aýry-aýry adamlaryň eýelik etmegine aýdylýar. Hususy eýeçilik görnüşleri boýunça raýatlaryň, hukuk taraplaryň hususy eýeçiligine (hususy kärhanalaryň we telekeçilik birleşikleriniň eýeçiligine) hem-de raýatlar bilen hukuk taraplaryň eýeçiliginiň birleşdirilmegi esasynda döredilýän gatyşyk hususy eýeçilige bölünýär.

Hususy eýeçiler öz eýeçiligindäki zatlary gös-göni özleri peýdalansa, onda olar hem eýeçi hem-de işgär bolup çykyş edýärler. Hususy eýeçilikdäki emlägi hakyna tutma zähmetiň üsti bilen peýdalanylmagy hem mümkindir.

Hususy eýeçilik başarjaňlylygy, işe jogapkärli garamagy, iş başarjaňlygy höweslendirýär. Şonuň üçin hem hususy eýeçiligiň ösdürilmeginiň jemgyýet üçin örän uly ähmiýeti bardyr.

Dünýäniň ösen döwletleriniň hemmesinde ykdysadyýetiň esasy agramy hususy eýeçiligiň gerdenine düşýär. Hususyýetçiligi ösdürmek häzirki döwürde ähli ýurtlaryň hem halklaryň ýörelgesidir. Hususyýetçiligiň halkam, döwletem baýatmagyň ygtybarly ýoldygyny dünýä tejribesi doly subut edýär.

Hususy eýeçiligi ösdürmek bazar ykdysadyýetine geçmegiň esasy şertleriniň biri bolup çykyş edýär. Hususy eýeçilik bolmasa bazar mümkin däl.

Türkmenistanda möçberi boýunça iň köp eýeçilik ***döwlet eýeçiligidir***. Yerasty baýlyklar, suw resurslary we beýleki tebigy baýlyklar, şeýle hem Türkmenistanyň taryhy we medeni mirasyna degişli zatlar döwletiň aýratyn eýeçiligi hasaplanýar. Olara diňe döwlet erk edýär. Bulardan başga-u;' döwlet eýeçiligine ýer, häkimýet we dolandyryş edaralarynyň emlägi, döwlet kärhanalarynyň emlägi, döwlet banklary, döwletiň okuw jaýlarynyň, ylmy-barlag instititlarynyň emlägi, döwlet býüjetiniň serişdeleri, durmuş-medeni pudaga degişli zatlar we ş.m. degişidir.

Döwlet eýeçiliginiň düzümine ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralarynyň eýeçiligi hem girýär.

Eýeçiligiň bir böleginiň döwletiň garamagyndan aýrylmagy we hususylaşdyrylmagy netijesinde döwlet eýeçiliginiň möçberi azalýar. Bu bolsa eýeçiligiň beýleki görnüşleriniň ösmegine getirýär. Dünýäniň ösen ýurtlarynda ähli eýeçiligiň diňe 15-20 göterimi döwlete degişlidir.

Döwlet eýeçiliginiň möçberiniň azalmagy onuň ykdysadyýetden gitmegini aňlatmaýar. Munuň tersine, döwlet eýeçiligi ykdysadyýetden hiç haçan gitmez, onuň düýpli pudaklarynda saklanyp galar. Sebäbi ykdysadyýeti, bazar gatnaşyklaryny döwletiň kadalaşdyrmagy häzirki zaman önümçiligini durnukly ösdürmegiň, ylmy-tehniki ösüşi çaltlandyrmagyň zerur şertidir. Döwlet eýeçiliginiň ähmiýeti gitdigiçe artýar. Täze Galkynyş eýýamynda döwlet eýeçiligini, onuň maliýe serişdelerini has netijeli ulanmagyň uly ähmiýeti bardyr. Hormatly Prezidentimiz döwlet eýeçiligini dolandyrmakda ähli mümkinçilikleriň peýdalanylmagynyň zerurlygy barada aýdyp, bu maksata ýetmek üçin ýolbaşçylaryň, döwlet gullukçylarynyň bilim derejesini ýokarlandyrmagyň möhümdigini nygtady.

Jemgyýetçilik birleşikleriniň (guramalarynyň) eýeçiligi jemgyýetçilik birleşikleriniň hut öz eýeçiligine, haýyr-sahawatlyk we gaýry jemgyýetçilik gaznalarynyň eýeçiligine, dini guramalaryň eýeçiligine bölünýär. Eýeçiligiň bu gömüşleriniň, esasan hem dini guramalaryň eýeçiliginiň hereket etmegi we ösmegi üçin zerur şertler diňe Türkmenistan garaşsyzlygyny alandan soň döredildi.

Türkmenistanda hereket edýän eýeçiligiň ýene-de bir görnüşi ***kooperatiw birleşikleriniň eýeçiligidir.*** Kooperatiw eýeçiliginiň emlägi onuň agzalarynyň berýän pul we beýleki emläk paýlarynyň, önümçilik, söwda, taýýarlaýyş işini etmekden, gymmat bahaly kagyzlary satmakdan hem-de kooperatiwiň düzgünnamalarynda göz öňünde tutulan başga işleri ýerine ýetirmekden alnan girdejileriň hasabyna döredilýär.

Kooperatiw birleşikleri alyjylar kooperasiyasy, önümçilik kooperatiwleri we beýleki guramaçylyk-hukuk görnüşlerinde bolup biler.

Biziň ýurdumyzda ***bilelikdäki kärhanalaryň, beýleki döwletleriň, olaryň hukuk taraplarynyň we raýatlarynyň eýeçiligi*** hem bardyr. Ykdysady özgertmeleri üstünlikli amala aşyrmak üçin beýleki döwletler bilen, olaryň raýatlary we hukuk taraplary bilen bilelikde kärhanalary guramagyň uly ähmiýeti bardyr. 01 kärhanalar biziň ýurdumyzyň diňe çig mal öndürmegiň hasabyna däl-de, taýýar önümleri öndürmegiň we satmagyň hasabyna baýamagy üçin gerekdir. Türkmenistanda daşary ýurtlaryň firmalarynyň gatnaşmagynda gurlan we gurulýan kärhanalaryň sany barha artyp barýar.

Türkmenistanda bar bolan eýeçiligiň ýene-de biri ***gatyşyk (birleşen) eýeçilikdir.*** Gatyşyk eýeçilikdäki kärhanalar hususy we döwlet eýeçiligine degişli zatlaryň, şeýle hem jemgyýetçilik guramalarynyň, beýleki döwletleriň, olaryň hukuk taraplarynyň we raýatlarynyň eýeçiligine degişli emläkleriň birleşdirilmegi esasynda döreýär.

Gatyşyk eýeçiligiň hereket etmegi eýeçiligiň dürli gömüşleriniň biri-birine zyýan bermän, özara gatnaşykda, bäsleşip ýaşap biljekdigini görkezýär.

Şeýlelik bilen, Türkmenistanda eýeçiligiň we hojalygy alyp barmagyň dürli gömüşleri bardyr. Onuň ykdysadyýeti köý ukladly garyşyk ykdysadyýetdir. 01

garyşyk ykdysadyýetde eýeçiligiň ýokarda agzalan görnüşleriniň hemmesi deňhukukly utgaşyp hereket edýärler. Bu bolsa bazar ykdysadyýetine geçmegiň esasy talabydyr.

## Türkmenistanda eýeçilik gatnaşyklaiynyň kämilleşmegi

Biziň ýurdumyzyň şertlerinde bazar ykdysadyýetine geçmek üçin eýeçilik gatnaşyklaryny kämilleşdirmek, olary üýtgedip guramak zerurlykdyr. Bu zemrlygyň emele gelşini şeýle düşündirip bolar. Öňki SSSR döwründe ykdysadyýeti hiç bir esassyz doly döwletleşdirmek amala aşyrylypdy. Önümçilik serişdelerine eýelik etmekde döwletiň monopol agalygy, ýekemenligi emele gelipdi. Hususy eýeçilik we ýekebara telekeçilik gadagan edilipdi. Bu bolsa eýeçilik gatnaşyklarynyň doly bozulmagyna getiripdi.

Şeýle ýagdaýda bazar ykdysadyýetiniň esasy şertleriniň biri hökmünde eýeçiligiň bir gömüşliliginden, onuň köp görnüşliligine geçmelidi. Başgaça aýdanyňda, eýeçilik gatnaşyklarynyň täze ulgamyny döretmelidi, olary doly kämilleşdirmelidi.

Eýeçilik gatnaşyklarynyň kämilleşmegi, esasan, iki ugur boýunça amala aşyrylyp bilner. Olaryň **birinjisi,** eýeçiligi döwletiň garamagyndan aýyrmak we hususylaşdyrmak bolsa, **ikinjisi** — hususyýetçiligi ösdürmek üçin şertleri döretmekden, eýeçiligiň hemme görnüşleriniň deňhukukly hereket etmegini üpjün etmekden ybaratdyr. Biziň ýurdumyzda eýeçilik gatnaşyklaryny özgertmegiň kanunçylyk we kadalaşdyryjy namalary döredildi, bu ugurda Türkmenistanyň kanunlarynyň giden bir toplumy kabul edildi. Olardan "Eýeçilik hakynda", "Eýeçiligi döwletiň garamagyndan aýyrmak we hususylaşdyrmak hakynda" diýen kanunlary, "Türkmenistanda hususylaşdyrmagyň döwlet Maksatnamasy" we başgalary görkezmek bolar.

Bazar ykdysadyýetine geçmekde eýeçiligiň dürli görnüşleriniň deňhukukly hereket etmegini kanun boýunça ykrar etmeklige aýgytly orun degişlidir. Eýeçiligiň köp görnüşliligini ösdürmekde bolsa onuň bir bölegini döwletiň garamagyndan aýyrmagyň we hususylaşdyrmagyň uly ähmiyeti bardyr.

***Eýeçiligi döwletiň garamagyndan aýyrmak*** diýlip, döwlet eýeçiligini eýeçiligiň başga görnüşlerine - kollektiwleýin kärhanalara, paýdarlar jemgyýetlerine, beýleki guramaçylyk-hukuk görnüşli kärhanalara öwrülmegine düşünilýär.

***Hususylaşdyrmak*** diýlip, raýatlaryň ýa-da olaryň hukuk taraplarynyň döwlet eýeçiligindäki emläkleri öz eýeçiligine almagyna düşünilýär.

Diýmek, eýeçiligi döwletiň garamagyndan aýyrmak we ony hususylaşdyrmak diýen düşünjeler biri-birine örän ýakyndyrlar we özara aýrylmaz baglanyşyklydyrlar. Olaryň biri beýlekiden gelip çykýar.

Emlägi döwletiň eýeçiliginden aýyrmagyň we hususylaşdyrmagyň taraplary hökmünde Türkmenistanyň raýatlary, daşary ýurt raýatlary we raýatlygy bolmadyk adamlar, şeýle hem Türkmenistanyň we daşary ýurtlaryň hukuk taraplary çykyş edip bilerler. Desgalary satyn almaga gatnaşmak üçin olaryň hemmesine deň şertler döredilýär.

Türkmenistanyň çäginde zatlary döwlet eýeçiliginden aýyrmak we hususylaşdyrmak işini Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan ygtyýarly

edilen organ bolan Türkmenistanyň Ykdysadyýet we Maliýe ministrliginiň döwlet eýeçiligi we hususylaşdyrmak baradaky edarasy amala aşyrýar. 01 Türkmenistanyň döwlet eýeçiligi babatda döwletiň bähbitlerine wekilçilik edýär.

Eýeçiligi döwletiň garamagyndan aýyrmak we hususylaşdyrmak aşakdaky görnüşlerde amala aşyrylyp bilner:

1) döwlet eýeçiligindäki emläkleri kollektiwleýin kärhanalara, paýdarlar jemgyýetlerine, beýleki guramaçylyk-hukuk görnüşli kärhanalara özgertmek bilen;

2) olary auksionda, inwestision bäsdeşlikde satmak bilen.

Eýeçiligi döwletiň garamagyndan aýyrmak we hususylaşdyrmak kanunlara ters gelmeýän beýleki görnüşlerde hem geçirilip bilner. Döwlet eýeçiligini hususylaşdyrmagyň görnüşini Türkmenistanyň Ykdysadyýet we Maliýe ministrligi kesgitleýär.

Döwlet kärhanalaryny hususylaşdyrmakdan alnan serişdeler döwlet eýeçiligi bolup durýar we Türkmenistanyň Merkezleşdirilen býüjetine geçirilýär.

Türkmenistanda hususylaşdyrmak işinde howul-harlyga ýol berilmeýär, döwlet eýeçiligi ýuwaş-ýuwaşdan, tapgyrlaýyn hususy eýeçiligi geçirilýär. Bu işde ilatyň psihologiýa taýdan taýýarlygyna, bazar gatnaşyklarynyň endiklerine eýe bolmadyk adamlaryň özboluşly ykdysady taýdan sowatsyzlygyny aradan aýyrmaga uly ähmiýet berilýär. Şeýle hem geçiş döwründe ilaty durmuş taýdan goramak meselesi ilkinji hatara çykaryldy.

Biziň ýurdumyzda hususylaşdyrmagyň esasy maksady durmuş meselelerini çozmäge gönükdirilen bazar ykdysadyýetini döretmäge ýardam berjek hususy eýeleriň giň gatlagyny döretmekden ybaratdyr.

Türkmenistanda eýeçiligi döwletden aýyrmak we hususylaşdyrmak boýunça ýörite döwlet Maksatnamasy kabul edildi. Maksatnama döwlet eýeçiligini ýütgetmegiň esasy ýollaryny, usullaryny we tertibini kesgitleýär. Şu Maksatnamada hususylaşdyrmak işi iki tapgyrdan durýar. Birinji tapgyr söwda we jemgyýetçilik iýmiti, durmuş hyzmaty kärhanalaryny öz içine alýar. Bu tapgyrda kiçi kärhanalar hususylaşdyryldy. 1997 ýylda başlanylan ikinji tapgyrda orta we käbir iri senagat, gurluşyk, ulag, şonuň ýaly-da halk hojalygynyň beýleki pudaklarynyda hususylaşdyrmaklyk bellenildi.

Hususylaşdyrmagyň **birinji** tapgyrynda kärhanalar diňe pula satyldy, bazar korpopratiw gymmatly kagyzlar ulanylmady. Şol wagtlar kärhanalar köplenç zähmetkeşler kollektiwlerine gös-göni satyldy.

Hususylaşdyrmagyň **ikinji** tapgyrynda bolsa orta we iri kärhanalary belli bir adamyň eline bermän, esasan paýdarlar jemgyýetine öwürmek göz öňünde tutulýar. Paýdarlar jemgyýetiniň paýnamalarynyň eýeleri hökmünde Türkmenistanyň hukuk taraplary we raýatlary, şeýle hem daşary ýurtlylar çykyş edip biler.

Häzir daşary ýurt maýalaryny milli ykdysadyýetimize has işeňňir çekmek maksady bilen satmagyň bäsleşik usullary (auksion, inwestisiýa bäsleşigi) barha giňden ulanylýar.

Türkmenistanda eýeçiligi döwlet eýeçiliginden aýyrmagyň başlanan döwründen bäri geçen wagtda (2007-nji ýylyň Türkmenbaşy aýynyň 1-ne çenli) desgalaryň 2 müň 102-si hususlaşdyryldy. Olardan söwda we jemgyýetçilik iýmiti kärhanalaryň 718-si, senagat kärhanalaryň 48-si we gurluşygy tamamlanmadyk desgalaryň 4-si, 1290-a golaý hyzmat desgalary hususy eýeçilige satyldy. Ilata

durmuş hyzmaty pudagyny hususlaşdyrmak iş ýüzünde tamamlandy. 2007-nji ýyla çenli hususylaşdyrmakdan gelen serişdeleriň satuw bahasy 236002,1 million, şol sanda býujete geleni 121991,5 million manat boldy. Türkmenistanda ykdysady özgertmeleriň başlanan mahalyndan bäri senagat kärhanalarynyň binýadynda paaýdarlar jemgyýetleriniň 34-si dörediildi.

Ykdysadyýetiň oba hojalyk pudagynda hem eýeçilik gatnaşyklaryny kämilleşdirmek amala aşyrylýar. Bu pudakda ýerler ýuwaş-ýuwaşdan hususy eýeçilige berilýär, hojalygy alyp barmagyň köp görnüşliligine geçilýär. 2006-njy ýylda haryt önümçiligini alyp barýan raýatlaryň hususy eýeçiligine sürülýän ýerleriň 21,4 müň gektary berildi. Bu bolsa umumy hususy eýeçilige berlen ýerleriň 85,6 göterimine golaýyny tutýar. Hususy hojalyklaryň ösmegi jemi önümiň umumy möçberinde olaryň paýynyň 2005-nji ýylda 80,1 göterim bolanlygyndan 2006-njy ýylda 85,1 göterime çenli ýokarlanmaga ýardam etdi. Olaryň paýyna öndürilen gök önümleriň 90 göterimi, bakjanyň 90 göterimi, kartoşkanyň 99 göterimi düşýär.

Döwlet eýeçiligini hususylaşdyrmak işini çaltlandyrmak, ykdysadyýetiň döwlete dahylsyz bölegini ösdürmek döwletimiziň "Milli Maksatnamasynda" esasy wezipeleriň biri hökmünde bellenilýär. Maksatnamada 2010-njy ýyla çenli döwlet kärhanalarynyň we desgalarynyň 2195-sini hususylaşdyrmak göz öňünde tutulýar. Şu döwrüň içinde ýurdumyzda hususy ýer eýeleriniň sany 408,3 müň adama ýeter, olara 1 million 280 müň gektar ýer berler, bu bolsa ýurduň ähli suwarymly meýdanlarynyň 57 göterimini düzer. Ýerleriň 620 müň gektary uzak möhletleýin kärendesine berler.

Hususylaşdyrmagyň we telekeçilik işini giňeltmegiň hasabyna ýurdumyzyň jemi içerki önüminiň möçberinde döwlete dahylsyz sektoryň paýy 2010-njy ýylda bolsa 66,6 göterime çenli köpeler. Ýurdumyzyň halk hojalygynda işleýän ilatyň üçden iki bölegi ykdysadyýetiň şu böleginde işlär.

Milli ykdysadyýetde döwlet kärhanalarynyň paýy kem-kemden azalar, ol 2000-nji ýylda 13,7 göterim bolan bolsa, 2010-njy ýylda 10,7 göterim bolar. Döwlet eýeçiliginde jemgyýetiň ösüşiniň möhüm wezipelerini amala aşyrýan kärhanalar galar. Howa, demirýol, awtomobil, suw ulaglary pudagy, tebigy baýlyklary, energetika ýaly esasy pudaklar döwlet eýeçiliginde saklanar. Galanlaryň ähli hususylaşdyrylar.

Hususy eýeçiligi ösdürmek boýunça Milli Maksatnamada göz öňünde tutulýan çäreleriň durmuşa geçirilmegi bar bolan önümçilik mümkinçiliklerini has netijeli peýdalanmaga, bäsleşige ukyply önümleriň öndürilişini artdyrmaga, goşmaça iş orunlaryny döretmäge ýardam eder.

Şeýlelik bilen eýeçilik gatnaşyklarynyň üýtgedilip gurulmagy, hususyýetçiligiň ösdürilmegi ýurdumyzyň bazar ykdysadyýetine ymykly geçmegini üpjün eder, halkymyzy bolsa galkyndyrar, baýadar.

**Tema:12. Türkmenistanyň daşary ykdysady toplumy.**

Gözbaşyny asyrlaryň jümmüşinden alyp gaýdýan gadymy türkmen topragy Hormatly Prezidentimiziň Gurbanguly Berdimuhamedowyň parasatly ýolbaşçylygynda bu gün gülleýär, gül açýar. Ýurdumyzyň ykdysadyýetiniň dürli ugurlarynda asyrlara barabar işler amala aşyrylýar. Garaşsyzlyk eýýamynyň ykdysady kuwwatyny alamatlandyryan, häzirki zaman tehnologiýasyna esaslanyan zawoddyr –fabriklerimizde öndürilen "Türkmenistanda öndürildi" diýen belgili harytlar bu gün dünýä bazarynda özüniň mynasyp ornyny tapýar.

Yurdumyzyň ykdysady kuwwatynyň ýylsaýyn ýokarlanmagy, eksportymyzy ýokarlandyrmaga mümkinçilik berýär. Yurdymyzyň eksport kuwwaty her näçe ýokarlansa, milli ykdysadyýetimiziň dünýä hojalygy bilen baglanyşygy şonça hem artýar. Milli ykdysadyýetiň dünýä hojalygy bilen baglanyşygy yurduň daşary söwdasy bilen kesgitlenyär. Şu nukdaýnazardan seredenimizde ýurdumyzyň dünyä hojalygy bilen baglanyşygy barha pugtalanýar diyip, arkaýyn aýdyp bileris. Bu aýdylanlar bolsa ýurdumyzyň daşary söwda dolanyşygynyň ýylsayýn ýokarlanmagy bilen delillendirip bileris. Ýurdumyzyň 2007-nji ýylda daşary söwdasy degişli döwür bilen deňeşdireniňde 40-göterime golaý ösmegi, şeyle hem eksportymyzyň importymyzdan has ýokary bolmagy, ýurdumyzyň ykdysadyýeti üçin amatly şertleri döredýar. Ýagny, daşary söwdamyzyň oňaýly bolmagy, ykdysadyýetimiz üçün zerur bolan daşary ýurt walýutasynyň yzygiderli gelip durmagyny üpjün edýär. Daşary söwdamyzyň ýylsaýyn ösmegi bir tarapdan ykdysadyýetimiziň barha pugtalanýandygyny we halkymyzyň durmuş-medeni ýagdaýynyň barha gowulanýandygyny alamatlandyrsa, beýleki tarapdan milli ykdysadyýetimiziň dünyä hojalygyna goşulyşmagynyň barha çaltlaşýandygyny görkezýär. Şu ýerde aýratyn bir begendiriji görkezijini getirmelidiris. Ýagny ýurdumyzyň daşary söwdasynyň ösüşi, dünýäniň söwda dolanyşygynyň ösüşinden has çaltdyr.

Halkara bilermenleri dünýa söwdasynyň her ýyl 2-3 göterim depgin bilen ösýändigini belleýarler. Bu ösüşi dünýä döwletleriniň daşary söwdasynyň jemi arkaly kesgitlenýär. Diýmek, şu görkeziji arkaly deňeşdirenimizde ýurdumyzyň

daşary söwdasynyň onlarça esse artykdygyny görüp bolýar. Ýagny, dünýä söwdasynyň artyşy her ýyl 2-3 göterime deň bolsa, ýurdumyzyň daşary söwdasynyň artyşy 40 göterime barabar. Bu deňeşdirme milli ykdysadyýetimiziň dünýä hojalygyna goşulyşmak we ony barha giňeltmek prosesiniň çalt depginler bilen bolup geçýändigini subut edýär. Ýurdumyzyň eksportynyň we importynyň artyşyny  dünýä söwdasynyň ösüşi bilen hem deňeşdirmek bolar. Şeyle deňeşdirmäni geçirmek üçin bize ýene-de esasy görkeziji  bolup dünýäniň jemi söwdasyny ulanyp bileris. Dünyäniň eksportyny ýada importyny hasaplamak üçin döwletleriň daşary söwdasynyň jemini ikä bölmeli. Dünyä söwdasynyň ikä bölünmegi bize dünýäniň eksportyny ýa-da importyny kesgitlemäge mümkünçilik berýär. Sebäbi dünýäniň eksporty dünyäniň importyna deňdir. Şu görkezijileriň ikisi boýunça deňeşdireniňde-de yurdumyzyň eksportynyň we importynyň ösüş depgininiň has ýokarydygyny görüp bolýar. Ýurdumyzyň ykdysady ösüşiniň yokarylygy wagtlaýyn häsiýete eýe bolman, indiki  ösüşlerimize badalga beryar. Sebäbi, yurdumyzyň ykdysady kuwwaty egsilmezdir.

Ýurdumyzyň dünýä hojalygyna goşulyşmagynyň has çaltlaşmagynyň we has çuňlaşmagynyň aýdyň kepilnamasy bolup kabul edilen Milli Maksatnamalarymyz çykyş edyär. Milli Maksatnamalarymyzda bellenen sepgitler ýurdumyzy dünyä ykdysadyýetiniň iň bir kuwwatly we dünyä hojalygyna,  iň bir integrirlenen döwletleriň biri bolmaklygyna getirýär. Ýurdumyzyň dünyä hojalygyna goşulyşmagynyň has çaltlaşmagyny ýeke bir içerki syýasat däl-de, eýsem daşary ykdysady syýasaty hem uly täsir edýär. Sebäbi daşary ykdysady syýasat umumy ykdysady syýasatyň aýrylmaz bir bölegidir. Sebäbi eksport edilyän harytlar jemi içerki önümiň bir bölegidir. Hut şu nukdaýnazardan ugur alýan Türkmenistanyň Prezidenti Hormatly Gurbanguly Berdimuhamedow döwlet baştutanlygyna saýlanan ilkinji günlerinden başlap ýurdumyzyň daşary gatnaşyklaryny mundan beýläk hem ösdürmeklige aýratyn üns berip başlady. Bu aýdanlarymyza subutnama hökmünde Hormatly Prezidentimiziň  dürli yurtlarda resmi iş saparlar bilen bolandygyny mysal getirip bileris. Bu saparlarynyň hemmesinde hem Hormatly Prezidentimiziň esasy maksady dürli döwletler bilen ýurdumyzyň daşary söwdasyny ösdürmek barada bolupdy. Munuň özi bolsa

ýurdumyzyň daşary söwdasynyň geografiýasynyň has giňemegine getirer. Ýurdumyzyň ykdysadyyetiniň we daşary gatnaşyklarynyň ösmegi biziň öňümizde täze bir döwrüň daňynyň atandygyny görkezyär.

Garaşsyzlyk ýoluna düşenden soň Türkmenistan hem dünýädäki bolup geçýän integrasion prosesslere goşulyp başlady. Türkmenistan Merkezi Aziýa sebitinde 1985-nji ýyldan bäri hereket edýän Ykdysady Hyzmatdaşlyk Guramasynyň agzalarynyň biridir. Bu gurama EKO ady bilen tanalýar. Onuň düzümine aşakdaky 10 döwlet girýär: Owganystan, Azerbaýjan, Eýran, Päkistan, Gazagystan, Täjigistan, Gyrgyzystan, Ösbegistan, Türkmenistan, Türkiýe.

Bu döwletler bileleşip umumy ykdysady meseleleri çözmekligi maksat edinýärler. Geljekde EKO Merkezi Aziýanyň umumy bazary görnüşinde göz öňüne getirilýär.

Şeýle hem Türkmenistan GDA-nyň çäklerinde ýüze çykýan integrasion prosesslerdenem çetde duranok. Soňky wagtlarda Türkmenistanyň dünýädäki goşulyşma prosesslerine goşulmagynda täze ýagdaýlaryň ýüze çykyp başlandygyny bellemek gerek. Integrasion prosesslere gatnaşmakda Türkmenistanyň öz garaýşy bar. Bu meselede Türkmenistan iki taraplaýyn gatnaşyklara has uly ähmiýet berýär. Onuňam özüne ýetik sebäbi bar. GDA-nyň çäklerinde gol çekilen resminamalaryň ýurtlar tarapyndan ýerine ýetirilmezligi adaty ýagdaýa öwrüldi. Şonuň üçin hem hyzmatdaşlygyň iki taraplaýyn görnüşi has maksadalaýyk ýol bolup durýar. Şu ugurdaky ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygyň aýdyň mysaly bolup Türkmenistanyň we Russiýanyň arasyndaky gaz pudagyndaky hyzmatdaşlyk baradaky ylalaşyk çykyş edýär. Şol ylalaşyga laýyklykda iki ýurduň arasynda köp ugurlar boýunça hyzmatdaşlyk etmeklik göz öňünde tutulýar. Hyzmatdaşlygyň esasy ugry türkmen tebigy gazyny Orsýete uzak möhletleýin döwürde satmakdan ybaratdyr. Ol hyzmatdaşlyk 2004-2028-nji ýyllar aralygyny öz içine alýar. Ylalaşyga laýyklykda 2004-2006-njy ýyllarda 5 mlrd. kub metrden 10 mlrd. kub metre çenli, 2007-2028-nji ýyllarda bolsa 60-80 mlrd. kub. metr tebigy gaz satmaklyk göz öňunde tutulýar. 2004-2006-njy ýyllar aralygynda tebigy gazyň şertnama bahasy her 1000 kub. metrne 44 dollar diýlip kesgitlenildi. Tölegiň 50 % amerikan dollaryna, galan 50 % bolsa harytlarda, hyzmatlarda tölendi. 2007-2028-

nji ýyllarda şertnama boýunça satylmaly gazyň bahasy dünýä bazarynyň ýagdaýlary göz öňünde tutulyp taraplar tarapyndan ylalaşylar.

Ýurdumyzyň ykdysadyýetinde bilelikdäki telekeçilik ýokary depginler bilen ösýär. Bu prosessiň ösmegi ýurdumyzyň täze hojalyk mehanizmine, täze ykdysady gatnaşyklara geçmegine ýardam berýär. Şol gatnaşyklaryň esasy elementleriniň biri hem bilelikdäki kärhanalary gurmakdan ybaratdyr.

Türkmenistanda hereket edýän bilelikdäki kärhanalaryň özboluşly aýratynlyklary bardyr. Ykdysady ösüşiň häzirki etapynda Türkmenistanda döredilýän bilelikdäki kärhanalarda esasy paýdar – gatnaşyjy bolup döwlet çykyş edýär. Döwletiň adyndan çykyş edýän aýry-aýry ministrlikler döwletiň adyndan çykyş etmek bilen olar özlerinde kärhananyň düzgünnamalaýyn kapitalynyň 51% pes bolmadyk bölegine eýelik edip, öz gözegçiligini saklaýarlar.

Türkmenistanda hereket edýän bilelikdäki kärhanalar ykdysadyýetiň dürli pudaklarynda hereket edýär. Ýöne onuň has giňden ýaýran ýeri – ýurdumyzyň dokma pudagydyr. Häzirki wagtda şeýle kärhanalar Türkmenistanyň dürli ýerlerinde netijeli işläp ýörler. Olara mysal edip: Gypjak obasynyň demirgazagynda ýerleşýän dokma toplumyny, Gökdepedäki dokma kärhanasyny we beýlekileri görkezmek bolar.

Bu kärhanalar iň kämil daşary ýurt enjamlary bilen üpjün edilendir. Kärhanalaryň öndürýän önümleri dünýä ölçeglerine gabat gelip, olar, esasan, daşary ýurtlara eksport edilýär. Şeýle görnüşli kärhanalaryň ýene-de biri Aşgabat şäherinde ulanylmagyna berlen “Türkmenbaşy tekstil kompleksidir”. Bu kärhana şu sebitde hereket edýän iň iri dokma kärhanasydyr. Ol paýdar kärhanasy görnüşinde hereket edýär.

Kärhana – toplum öz düzümine bäş sany özara baglanyşykly fabrikalary birleşdirýär. Kärhana mata we taýýar önümleri çykarmaga ýöriteleşendir. Kombinatda önümçilik prosessi ýapyk häsiýetli bolmak bilen bu ýere pagta süýümi gelip gowuşýar we önümçilik prosessi taýýar önümiň çykarylmagy bilen tamamlanýar.

Kärhananyň gurluşygyna “Çalyk holding” türk kompaniýasy, Ýaponiýanyň “Misubisi korporeýşn” kompaniýasy, “Gap inşaat Ýatyrym” türk gurluşyk

kompaniýasy gatnaşdylar. Bu gurluşyk üçin zerur bolan karzy Ýaponiýanyň eksport – import banky berdi. Onuň möçberi – 169 mln. dollara deň boldy.

Bilelikdäki kärhanalaryň birnäçesi azyk we derman senagatynda hem hereket edýär. Şeýle kärhanalaryň gurulmagy we hereket etmegi ýurdumyzyň birnäçe meseleleriniň oňaýly çözülmeginde uly rol oýnaýar. Esasy zat bu kärhanalar ýürdumyzyň ykdysady ösüşine zerur şertleri döredýär. Bilelikdäki kärhanalaryň döredilmegi Türkmenistanda täze iş ýerleriniň emele gelmegine oňaýly täsir edýär.

Esasy zat – bilelikdäki telekeçiligiň ösmegi döwletimizde hojalygy alyp barmagyň täze bir görnüşiniň ýüze çykmagyna getirýär. Bazar ykdysadyýetine geçilýän şertlerde munuň özi obýektiw ýagdaýdyr.

Umuman aýdylanda, Türkmenistanda hereket edýän bilelikdäki kärhanalar ýurdumyzyň ykdysadyýetinde oňyn özgerişlikleri amala aşyrmaga mümkinçilik berýär.

Şu günki gün Garaşsyz ösüş ýoluna düşen Türkmenistan halkara hukugynyň we halkara gatnaşyklaryň deňhukukly agzalarynyň birine öwrüldi. Häzirki wagtda Türkmenistan dünýäniň 129 döwleti bilen diplomatik gatnaşyklary ýola goýdy, 40-dan gowrak halkara guramalaryň agzasy boldy.

Garaşsyz ösüsiň ilkinji günlerinden başlap Türkmenistan dünýä bileleşigine goşulmak, dünýäniň ähli ýurtlary bilen deňhukukly, özara bähbitli gatnaşyklary ýola goýmak, halkara guramalary bilen giňden hyzmatdaşlyk etmek meselelerine uly ähmiýet berdi. Ýurdumyz eýýäm 1995 –nji ýylda Birleşen Milletler Guramasy tarapyndan tassyklanan dünýäde ilkinji Bitarap döwlet boldy.

Soňky wagtlarda Türkmenistanyň halkara giňişligindäki işjeňligi hasam güýçlendi. Hormatly Prezidentimiziň ýolbaşçylygynda halkara gatnaşyklarda, döwletimiziň sosial-ykdysady durmuşynda täze Galkynyş zamanasy başlandy. Türkmenistanyň dünýä bileleşiginde eýeleýän ornuny berkitmekde möhüm ädim ädildi. Gysga wagtyň içinde Saud Arabystany patyşalygyna, Birleşen Arap Emirliklerine, Gazagystan, Özbegistan, Awstriýa respublikalaryna, Germaniýa Federatiw respublikasyna, Eýran Yslam respublikasyna, Günorta Koreýa, Russiýa Federasiýasyna we başga-da birnäçe döwletlere resmi saparlar amala aşyryldy.

Türkmenistanyň Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň wise - başlyklygyna saýlanylanmagy şatlykly wakalardyr . Bu karar Garaşsyz, Bitarap Türkmenistanyň baştutanynyň döwletiň ösüşiniň täze tapgyrynda alyp barýan progressiw, netijeli syýasy ugrunyň halkara derejesinde ykrar edilýändigine şaýatlyk edýär. Bu şanly waka türkmen Bitaraplygynyň Aziýa sebitinde howpsuzlygy we durnukly ösüşi üpjün etmekde möhüm ähmiýetli ýagdaý bolup, geljekde-de ählumumy parahatçylygyň we abadançylygyň bähbitlerine hyzmat eder.